# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – TÜRKMENISTAN WE ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY DOGANLYK DÖWLETLERDIR, GOŇŞULARDYR, ŞOŇA GÖRÄ-DE, BIZ IKITARAPLAÝYN GATNAŞYKLARYŇ GIŇELDILMEGINE AÝRATYN ÄHMIÝET BERÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
17-nji iýul, 2026. Belgisi 29/1699



## TÜRKMEN-ÖZBEK GATNAŞYKLARY BARHA DABARALANÝAR

**14-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Özbegistan Respublikasynyň daşary işler ministri Bahtiýor Saýidowy kabul etdi.**

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Özbegistanda Türkmenistan bilen gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň döwlet Baştutanymyza hem-de Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz Özbegistanyň döwlet Baştutanyna iň gowy arzuwlaryny beýan edip, myhmanyň şu saparynyň Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açjakdygyny aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, türkmen-özbek gatnaşyklary ynanyşmagyň, özara hormat goýmagyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Bu berk binýat strategik hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmak babatda tagallalary utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Ýurtlarymyz Birleşen Milletler Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryň özara goldanylmagy munuň aýdyň mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiz sebit düzümleriniň, hususan-da, «Merkezi Aziýa +» formatynyň çäklerindäki üstünlikli hyzmatdaşlygy aýratyn nygtap, bu düzümleriň dialogy çuňlaşdyrmakda, köptaraplaýyn ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde netijeli meýdança bolup çykyş edýändigini belledi hem-de Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny yzygiderli goldaýandygy üçin özbek tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk edýän döwründe «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi, şeýle hem Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy geçiriler. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu çäreleriň sebit hyzmatdaşlygyny, özara ynanyşmagy, hoşniýetli goňşuçylygy pugtalandyrmaga hyzmat etjekdigini, şeýle hem türkmen-özbek strategik hyzmatdaşlygyny ösdürmäge itergi berjekdigini nygtady.

Türkmenistan Özbegistan Respublikasy bilen gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Däp bolşy ýaly, söwda-ykdysady, şol sanda energetika, ulag-logistika ýaly strategik ulgamlar özara hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary bolup durýar. Bu ugurda tagallalary utgaşdyrmakda Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň işine aýratyn orun degişlidir.

Medeni-ynsanperwer ulgam döwletara dialogyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Biziň halklarymyzy köpasyrlyk dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, medeni we ruhy gymmatlyklaryň umumylygy baglanyşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz dürli medeni çäreleri geçirmek arkaly bu hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Özbegistan bilen gatnaşyklara ýokary baha berýändigini we iki ýurduň doganlyk halklarynyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýändigini tassyklap, Özbegistan Respublikasynyň daşary işler ministri Bahtiýor Saýidowa berk jan saglyk, rowaçlyk, işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## ÝOKARY WE ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINE RESMINAMALAR KABUL EDILÝÄR

13-nji iýulda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine dalaşgärlerden resminamalar kabul edilip başlandy.

10-njy iýulda şu ýylyň alty aýynyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz degişli Buýruga gol çekip, 2026-njy ýylda welaýatlar, Aşgabat we



Arkadag şäherleri boýunça Türkmenistanyň ýokary okuw we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň meýilnamasyny tassyklady. Şol resminama laýyklykda, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegi 13-nji iýul – 24-nji awgust aralygynda guramak hem-de okuwa kabul etmek boýunça giriş synaglaryny ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýerleşýän ýerinde geçirmek bellenildi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz degişli döwlet toparynyň düzümini tassyklady, oňa okuwa kabul etmäge guramaçylyk–usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek hem-de onuň bellenen tertipde geçirilmegini guramak tabşyryldy. Şeýle hem welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri bu okuw mekdeplerine kabul etmek boýunça iş toparlarynyň talabalaýyk işlemegi üçin zerur şertleri döretmäge borçly edildi. ■ 2

## ÜSTÜNLIKLERE BESLENÝÄN ÝYL

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ýurdumyzyň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlarynda uly ösüşler gazanylýar. Bu oňyn ösüşler ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny yzygiderli artdyrmaga, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji alty aýynda gazanylan netijeler ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň yzygiderli durmuşa geçirilýändigini, milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň üpjün edilýändigini we hal-



kara hyzmatdaşlygynyň täze mazmun bilen baýlaşýandygyny görkezýär. Syýasy-diplomatik gatnaşyklar has-da işjeňleşdirilip, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk giňeldildi, medeni-ynsanperwer ugurda möhüm başlangyçlar amala aşyryldy, ylym we bilim ulgamlarynda döwrebap özgertmeler dowam etdirildi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasaty halkara giňişliginde uly hormata eýedir. Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalar we sebit hyzmatdaşlary bilen köpugurly gatnaşyklar ösdürildi. ■ 3

## SYÝASY-DIPLOMATIK HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE DEREJESI

**14-nji iýulda Aşgabatda Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň arasynda nobatdaky syýasy geňeşmeler geçirildi. Türkmen tarapyna Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow, özbek tarapyna bolsa Özbegistan Respublikasynyň daşary işler ministri Bahtiýor Saýidow ýolbaşçylyk etdi. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň web-saýtynda habar berilýär.**

Geňeşmeleriň dowamynda taraplar türkmen-özbek strategik hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň meseleleri boýunça pikir alyşdylar, ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we geljekki mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň esasy şertleriniň biri hökmünde ýokary derejedäki özara saparlaryň, duşuşyklaryň we gepleşikleriň ähmiýeti aýratyn bellenildi.

Ikitaraplaýyn derejede işjeň syýasy dialogy dowam etdirmek, şeýle hem halkara we sebit guramalarynyň, ilkinji nobatda BMG-niň, GDA-nyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň hem-de Goşulyşmazlyk Hereketiniň çäklerinde özara hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak meselelerine aýratyn üns berildi. Taraplar birek-biregiň halkara başlangyçlaryny mundan beýläk-de goldamaga hem-de sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça çemeleşmeleri utgaşdyrmaga taýýardyklaryny tassykladylar.

Taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň şertnama-hukuk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmegiň, parlamentara we sebitara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň, şeýle hem iki ýurduň ugurdaş ministrlikleriniň we pudaklaýyn edaralarynyň arasynda göni gatnaşyklary giňeltmegiň möhümdigini nygtadylar.

Ikitaraplaýyn gün tertibiniň çäklerinde taraplar şu ýylyň dowamynda Türkmenistanda geçirilmegi meýilleşdirilýän halkara çäreleriň durmuşa geçirilmegi we guramaçylyk taýdan üpjün edilmegi



bilen bagly meseleleri jikme-jik ara alyp maslahatlaşdylar.

Gepleşikleriň aýratyn ugry söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meselelerine bagyşlandy. Özara söwdany mundan beýläk-de diwersifikasiýalaşdyrmagyň, maýa goýum hyzmatdaşlygyny giňeltmegiň hem-de Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň zerurdygy nygtaldy.

Şeýle hem ulag-üstaşyr özara baglanyşygy ösdürmegiň, täze halkara ulag geçelgelerini kemala getirmegiň, logistika düzümini kämilleşdirmegiň, senagat, oba hojalygy, energetika hem-de sanly ykdysadyýet ulgamlarynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň geljegi giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy.

Iki ýurduň halklaryny has-da ýakynlaşdyrýan möhüm ugur hökmünde medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyga uly üns berildi. Taraplar bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş, ýaşlar syýasaty we sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň oňyn depginini belläp, bilelikdäki medeni çäreleri geçirmäge hem-de Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda däp bolan dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen täze taslamalary durmuşa geçirmäge gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar.

* * *

Şol gün döwletara hyzmatdaşlygyň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny pugtalandyrmaga gönükdirilen ikitaraplaýyn resminamalara, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Halkara maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşyga, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2027 – 2028-nji ýyllar üçin Hyzmatdaşlyk maksatnamasyna gol çekmek dabarasy geçirildi.

## MALAÝZIÝANYŇ SYÝAHATÇYLYK PUDAGYNA BAGYŞLANAN SEMINAR

14-nji iýulda Aşgabatdaky «Arçabil» myhmanhanasynda Türkmenistanyň Daşary işler hem-de Medeniýet ministrlikleriniň goldaw bermeginde «Tourism Malaysia-2026» atly seminar geçirildi. «Tourism Malaysia» agentliginiň hem-de Malaýziýanyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň guran çäresine syýahatçylyk kompaniýalarynyň wekilleri, žurnalistler we beýleki myhmanlar çagyryldy.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz bilen dünýä döwletleriniň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklary yzygiderli ösdürilýär we syýahatçylyk ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy, Syýahatçylyk şäherleriniň bütindünýä federasiýasy, daşary ýurtlaryň syýahatçylyk kärhanalary bilen hyzmatdaşlyk ýola goýulýar.

Malaýziýanyň taryhy we medeni gymmatlyklarynyň, tebigy gözellikleriniň tanyşdyrylan çäresinde çykyş edenler iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň barha ösýändigini belläp geçdiler. ■ 2

### Halkara yslam siwilizasiýasy forumy geçirildi

Şu ýylyň 7-11-nji iýulynda Özbegistan Respublikasynda I halkara Yslam siwilizasiýasy forumy geçirildi. ■ 4

### Tomus paslynyň jana şypaly şerbeti

Tomus paslynda miwedir gök önümlerden, ter gök otlardan dürli içgiler hem-de şerbetler taýýarlanýar. ■ 5

### «Odisseýa» – petekleri 1 ýyl öň satylyp başlanan film

Kino muşdaklarynyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Odisseýa» filmi şu günden başlap tutuş dünýäde prokatlara ýaýradylar. ■ 8

### Dünýä Kubogynda taryhy final: ISPANIÝA – ARGENTINA

Dünýä Kubogynda garaşylýan final oýnunda Ispaniýa bilen Argentinanyň milli ýygyndylary çempion bolmak üçin göreşerler. ■ 8



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ PREZIDIUMYNYŇ MEJLISINDÄKI ÇYKYŞY

**(Aşgabat şäheri, 2026-njy ýylyň 15-nji iýuly)**

**Hormatly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary!**

Bilşiňiz ýaly, şu ýylyň 10-njy iýulynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi geçirildi. Mejlisde Garaşsyz Watanymyzy ösdürmek boýunça 2026-njy ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlendi. Mejlisiň dowamynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk toýuna hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça hormatly Prezidentimiz tarapyndan degişli tabşyryklar berildi.

Biz şu ýylyň sentýabrynda ähli halkymyz bilen bilelikde, agzybirlikde Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramyny giňden belläp geçeris. Bagtyýar halkymyz her ýyl Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň baş baýramyny aýratyn buýsanç bilen garşy alýar. Garaşsyzlyk baýramy ýurdumyz hem-de halkymyz üçin aýratyn ähmiýetli, buýsançly, şanly wakadyr. Ýakynda Garaşsyzlyk baýramyny ýokary derejede geçirmek maksady bilen, «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen dabaraly harby ýörişe gatnaşyja» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem kabul edildi.

Biz ýurdumyzyň Garaşsyzlyk toýunyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini geçireris. Mejlisde Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemini jemläris. Döwrüň talaplaryndan ugur alyp, öňümizde duran möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşarys.

Şu günki mejlisimizde bolsa «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek, onuň geçiriljek senesini kesgitlemek hem-de guramaçylyk toparynyň düzümini tassyklamak hakynda degişli resminamalary kabul ederis. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy hem-de «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli geçiriljek çäreleri ara alyp maslahatlaşarys. Şeýle hem zähmet üstünliklerini gazanan watandaşlarymyzy döwlet sylaglaryna hödürlemek, olara hormatly atlary dakmak boýunça işleriň alnyp barlyşyna serederis.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylan 2026-njy ýylda türkmeniň meşhur ahalteke bedewlerini wasp etmek we dünýä tanatmak boýunça milli hem-de halkara derejede dürli çäreler geçirilýär. Şu ýylyň başyndan bäri atçylyk sporty bilen meşgullanýan ýaşlarymyz Özbegistanda, Azerbaýjanda, Türkiýede we beýleki ýurtlarda ahalteke bedewlerine bagyşlanyp geçirilen halkara festiwallara, maslahatlara, çempionatlara, gözellik bäsleşiklerine gatnaşyp, ýokary ussatlyklaryny görkezdiler. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Hytaý Halk Respublikasynda, Beýik Britaniýada, RF-niň Tatarystan Respublikasynda atlar we atçylyk sungaty bilen bagly çäreler guraldy. Atşynaslardyr hünärmenler bilen duşuşyklar geçirildi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary şu ýyl Azerbaýjanda we Türkiýede türkmen milli atçylyk sungaty boýunça ussatlyk bilen çykyş etdiler. Meşhur çapyksuwarlarymyz Tatarystan Respublikasynyň Kazan şäherinde guralan atly sport çärelerinde üstünlikli çykyş edip, birinji orna mynasyp boldular.

Görşümiz ýaly, bedew ýylynda ahalteke atlarymyz babatda köp sanly uly ähmiýetli işler amala aşyryldy. Häzirki wagtda bolsa Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli möhüm çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen bagly işleriň çäginde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ýaly esas goýujy resminamalara laýyklykda, degişli ýolbaşçylar netijeli işleri amala aşyrmaly. Geljek ýylda ýurdumyzyň ykdysady görkezijilerini durnukly saklamak, pudaklary ösdürmek, täze önümçiliklere maýa goýumlary gönükdirmek hem-de ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda durmuşa geçirilmeli çäreleri seljermeli. Şunuň bilen baglylykda, täze iş orunlaryny döretmek, adamlaryň saglygyny berkitmek, ömür dowamlylygyny uzaltmak, ýaşlar syýasatyny ösdürmek, ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmek bu ugurdaky syýasatyň esasy maksatlary bolmalydyr. Şeýle hem bilim bermegiň, hünärmenleri taýýarlamagyň täze usullaryny ornaşdyrmak, derman senagaty pudagyny ösdürmek, senagat pudaklaryny, hususan-da, nebitgaz, himiýa, gurluşyk, energetika, dokma, oba hojalyk pudaklaryny kämilleşdirmek, şol sanda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmeli.

Halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri bolup durýar. Şeýle-de ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak hemişe üns merkezinde bolmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty Mejlisiň deputatlary, ýurdumyzyň Hökümeti bilen agzybirlikde iş alyp baryp, döwrüň öňe sürýän wezipelerine öz wagtynda seslenmek, teklipleri işläp taýýarlamak bilen baglanyşykly işleri durmuşa geçirmeli.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

«Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwany guramaçylyk topary bilen bilelikde aşakdaky işleri ýokary derejede alyp barmaly:

1. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalary, deputatlar, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalary, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde we mejlisiň jemleri boýunça Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti barada täsirli wagyz-nesihat çärelerini, çykyşlary, duşuşyklary giňden ýola goýmaly;
2. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça işleri guramaçylyk topary bilen bilelikde meýilnama esasynda alyp barmaly;
3. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň garamagyna soraglary taýýarlamaly we resminamalaryň taslamalaryny guramaçylyk toparynyň ýygnaklarynda deslapdan ara alyp maslahatlaşmaly;
4. Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmeli;
5. Raýatlardan gelip gowşan tekliplere, beýleki ýüztutmalara garamak, hasaba almak boýunça işleri alyp barmaly;
6. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmegiň maksatnamasyny taýýarlamaly;
7. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek bilen bagly zerur maglumatlary taýýarlamaly;
8. Mejlise taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk işlerini Türkmenistanyň Mejlisi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Arkadag, Aşgabat şäherleriniň häkimlikleri, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde utgaşykly alyp barmaly;
9. Türkmenistanyň Mejlisi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy hem-de «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, wagyz etmek boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen alnyp barylýan işleri dowam etdirmeli;
10. Hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryna laýyklykda, Garaşsyzlyk ýyllarynda ýokary zähmet üstünliklerini gazanan, halk arasynda uly abraýdan we sylagdan peýdalanýan ildeşlerimizi döwlet sylaglary bilen sylaglamak, hormatly atlary dakmak boýunça alyp barýan işlerimizi guramaçylykly ýerine ýetirmeli. Mynasyp adamlary hödürlemek hem-de bu işleri resmileşdirmek boýunça işleri öz wagtynda talabalaýyk alyp barmaly.

**Hormatly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary!**

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň öňünde ýurdumyzy ösdürmek boýunça geljekde hem uly wezipeler durýar. Halk Maslahaty ýurdumyzyň Mejlisi, Türkmenistanyň Hökümeti, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikdäki işleri dowam etdirip, Watanymyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça netijeli işleri alyp barmaly.

**Hormatly adamlar!**

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, jemgyýetimizi yzygiderli demokratiýalaşdyrmak boýunça kabul edilen maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça sazlaşykly işleri alyp barmak esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Biz geljekde hem dürli ugurlarda alyp barýan özgertmeler syýasatymyzy üstünlikli dowam etdirmek üçin täze teklipleriň üstünde işlemeli. Esasy maksadymyz bolsa ýurdumyzyň ähli ilatynyň abadan ýaşaýşyny üpjün etmekden, her bir adam üçin amatly ýaşaýyş gurşawyny döretmekden ybaratdyr.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Şeýlelikde, biz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýokary guramaçylykly geçirmek bilen bagly işlere resmi taýdan badalga berýäris. Siziň ähliňiziň bu möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäresiniň üstünlikli geçirilmegine mynasyp goşant goşjakdygyňyza berk ynanýaryn. Men siziň ähliňize berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

## «TOYOTA»-dan ÖŇE GEÇDI

«Mitsubishi UFJ Financial Group» kompaniýasynyň bazar bahasy «Toyota»-dan öňe geçip, Ýaponiýanyň iň gymmat kompaniýasy boldy. Şeýlelikde, ýurduň taryhynda ilkinji gezek maliýe edarasy iň gymmatly brend boldy.

«Bloomberg»-iň maglumatyna görä, Ýaponiýanyň iň uly bankynyň paýnamalarynyň bahasy 2,3% artyp, 3 müň 541 ýene ýetdi. Şeýlelikde, bankyň paýnamalarynyň umumy bahasy 42 trillion ýen (259 milliard amerikan dollary) boldy. «Toyota Motor»-yň bahasy 41 trillion ýen we «Kioxia Holdings»-iňki 36,7 trillion ýen boldy. «Sumitomo Mitsui Financial Group» atly bankyň hem paýnamalary 1,6% gymmatlap, rekord derejä ýetdi.

Dünýäniň iň köp awtoulag öndürýän kompaniýasy hasaplanýan «Toyota» birnäçe ýyldan bäri bazar bahasy babatda ýurduň iň gymmat kompaniýasy hasaplanýardy.

## IRI GÖWHER TAPYLDY

Botswanadaky Karowe käninden gymmat bahaly iri daşyň tapylandygy mälim edildi. «Lucara Diamond» korporasiýasyna degişli bolan kände agramy 1 müň 305 karatdan gowrak bolan göwher tapyldy. Ölçegi 79,9 mm x 34,1 mm x 51,9 mm bolan ak reňkli daşyň bitewidigi bellenilýär.



«Lucara» korporasiýasy bu ýerde 2012-nji ýyldan bäri gymmat bahaly daşlary gözlemek bilen meşgullanýar. Häzire çenli bu ýerden onlarça göwher tapyldy. Täze tapylan daşyň bu ýerden tapylan agramy 1000 karatdan ýokary bolan 10-njy göwherdigi mälim edildi.

Mundan ozal Karowe käninden «Motswedi» atly 2 müň 488 karatlyk hem-de «Lesedi La Rona» atly 1 müň 109 karatlyk iri daşlar tapylypdy.

## SANLY ÝEWRO ÇYKARYLAR

Ýewropanyň Merkezi banky sanly ýewro çykarmak üçin täze sepgide ýetdi. Maliýe edarasy munuň üçin 36 sany hyzmat hödürleýji kompaniýany saýlap aldy. Taslama «Deutsche Bank», «UniCredit» we «Revolut» ýaly maliýe edaralary goşuldy. Geljek ýylyň ikinji ýarymyndan başlap, 12 aýyň dowamynda sanly ýewronyň tehniki infrastrukturasy, amaly prosesi we ulanyjylaryň ýerine ýetirjek amallary synagdan geçiriler.



Maksatnama Merkezi bank bilen bir hatarda Ýewro sebitindäki 21 merkezi bankyň 19-synyň gatnaşmagynda amala aşyrylar. Bolgariýa bilen Malta bu taslama goşulmaz.

Synag maksatly geçiriljek işleriň çäklerinde sanly ýewro tehniki babatda hakykatda ulanyljak sanly ýewro meňzeş bolar, emma resmi töleg serişdesi kabul edilmez.

Sanly ýewro 2029-njy ýyldan başlap hakyky töleg serişdesi hökmünde dolanyşyga goýberiler.

## MALAÝZIÝANYŇ SYÝAHATÇYLYK PUDAGYNA BAGYŞLANAN SEMINAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çärede Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Syýahatçylyk müdirliginiň başlygynyň orunbasary G.Bakyýewa, «Tourism Malaysia Almaty» guramasynyň ýolbaşçysy Nor Şazli Azmi çykyş edip, syýahatçylyk pudagynda iki ýurduň arasynda gazanylan üstünlikler we pudagyň geljekki mümkinçilikleri barada maglumat berdi. Şeýle hem Malaýziýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddin wideoýüzlenme bilen çykyş etdi.



G.Bakyýewa hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen syýahatçylyk pudagynda uly ösüşleriň gazanylýandygyny, şeýle hem halkara syýahatçylygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi. Onuň sözlerine görä, Türkmenistanyň hem-de Malaýziýanyň syýahatçylyk kompaniýalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça 20-den gowrak şertnama gol çekilipdir.

G.Bakyýewa Malaýziýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga aýratyn gyzyklanma bildirýändigini belläp, şu ýylyň aprel aýynda geçirilen «Turkmentravel-2026» halkara syýahatçylyk sergisine Malaýziýanyň syýahatçylyk kompaniýalarynyň gatnaşmagynyň munuň aýdyň subutnamasy bolup durýandygyny belledi.

Tanyşdyrylyş çäresinde Nor Şazli Azmi 2025-nji ýylda Türkmenistandan bu ýurda 10 müň 750 syýahatçynyň baryp görendigini mälim etdi. Bu görkeziji ozalky ýyl bilen deňeşdirilende, 42,5 göterim ýokarydyr. Şu ýylyň maý aýynyň ýagdaýyna görä, Türkmenistandan Malaýziýa 3 müň 482 syýahatçy barypdyr. Ol: «Bu ösüşiň esasy sebäpleriniň biri Aşgabat bilen Kuala-Lumpuryň arasynda göni howa gatnawynyň ýola goýulmagydyr» – diýip belledi.

«Malaýziýa – hakyky Aziýa» sözüni özüne şygar edinen «Tourism Malaysia» agentligi ýurduň Syýahatçylyk, sungatlar we medeniýet ministrligine degişli bolup, Malaýziýanyň syýahatçylyk mümkinçiliklerini dünýä tanyşdyrmak bilen meşgullanýar.

## BÜTINDÜNÝÄ ILAT GÜNI



1989-njy ýyldan bäri, her ýylyň 11-nji iýulynda Bütindünýä ilat güni bellenilýär. Bu sene 1987-nji ýylyň 11-nji iýulynda dünýä ilatynyň 5 milliarda ýetmegi bilen baglydyr. Bu sene gender deňligi, garyplyk, enäniň saglygy we adam hukuklary barada habardarlygy ýokarlandyrmak maksady bilen döredildi.

Her ýylyň 11-nji iýulynda Bütindünýä ilat güni bellenilip, bu sene mynasybetli maglumatlar ýaýradylýar. Maglumatlara görä, häzirki wagtda dünýäde 8 milliard 231 million töweregi ilat bar. Üç ýyldan bäri dünýäniň iň köp ilatly ýurdy hasaplanýan Hindistanyň 1 milliard 463 million töweregi ýaşaýjysy bar. Ikinji ýerdäki Hytaýyň 1 milliard 416 million töweregi, ABŞ-nyň 347 million ýaşaýjysy bar. Bu üç ýurt dünýä ilatynyň 39,2 göterimini emele getirýär.

Uzak ýyllap dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hytaýyň ilaty soňky ýyllarda artmagyň deregine azalyp başlady. Bilermenler ilatyň artyşynyň Hindistanda hem peseljekdigini belleýärler. Dünýäde ömrüň ortaça dowamlylygynyň artmagy hem-de çaga doguşynyň azalmagy bilen ýaşuly ilatyň sany barha artýar.

Dünýäde 15-24 ýaş aralygyndaky ilat umumy ilatyň 15,6 göterimini, 65 ýaş we ondan ulular 10,4 göterimini emele getirýär.

Ýewropa Bileleşigi Komissiýasy tarapyndan taýýarlanan maglumatda bolsa, 2029-njy ýylda sebitiň ilatynyň ýokary derejä çykjakdygy bellenildi. Maglumatda 1960-njy ýylda häzirki wagtda bileleşige agza ýurtlaryň ilatynyň 354,5 million bolandygy, geçen ýyl 450,6 milliona ýetendigi, 2029-njy ýylda 453,3 milliona ýetjekdigi beýan edildi. Çaklamalara görä, şondan soňra sebitiň ilaty azalyp başlar we 2050-nji ýylda 445 milliona ýeter. 2100-nji ýylda 398,8 milliona çenli azalyp, häzirkiden 11,75% az bolar.

Senagat taýdan ösen ýurtlaryň köpüsinde bolşy ýaly, Ýewropada ilat, esasan, migrantlaryň hasabyna artýar.

Ýewropa Bileleşiginde ortaça ýaşyň iň az ýurdy Irlandiýa (39,6), iň garry ilatly ýurt Italiýa (49,1) hasaplanýar.

Maglumatda 80 ýaşdan ulularyň ilatyň 6 göterimini emele getirýändigi bellenildi.

## ÝOKARY WE ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEPLERINE RESMINAMALAR KABUL EDILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet Baştutanymyzyň öňde goýan bu wezipelerini ýerine ýetirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde dalaşgärlerden resminamalary kabul etmek boýunça möwsüm başlandy, onuň öň ýanynda ýaşlaryň arasynda giňişleýin maglumat beriş işleri geçirildi. Mysal üçin, orta mekdepleriň uçurymlary üçin ýörite telegepleşikler hem-de metbugatda habarlar arkaly ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleri barada gürrüň berildi hem-de olarda «Açyk gapylar» günleri geçirildi.



2026 – 2027-nji okuw ýylynda ýaşlaryň 18 müňden gowragy ýokary okuw mekdepleriniň talyby bolar, munuň özi geçen ýylyň degişli görkezijisinden 1 müň 239 adam köpdür. Ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň we taýýarlygyň ugurlarynyň jemi 20-si açylar.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 17-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119081
Belgisi: 29/1699
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## 62 ÝURDA WIZANY AÝYRDY

Dünýäniň 62 ýurdunyň raýatlary Germaniýa wizasyz baryp bilerler. 2026-njy ýyl üçin degişli bolan sanawda Ýewropa Bileleşigi hem-de Şengen sebitinden başga 62 ýurt bar. Bu ýurtlaryň raýatlary syýahatçylyk, işewürlik duşuşyklary, dogan-garyndaşlarynyňka myhmançylyga barmak ýaly maksatlar üçin 180 günüň dowamynda 90 günden gysga wagt üçin Germaniýa baryp bilerler. Munuň üçin olardan wiza talap edilmez. Sanawda ABŞ, Kanada, Birleşen Patyşalyk, Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy, Singapur we Malaýziýa bar. Bulardan başga-da, Albaniýa, Serbiýa, Montenegro, Kosowa, Bosniýa-Gersegowina, Demirgazyk Makedoniýa, Argentina, Braziliýa, Kolumbiýa, Peru, Paragwaý, Urugwaý hem bar. Sanawa Gonkong, Makao, Kiribati, Tuwalu, Marşal adalary, Palau, Wanuatu, Samoa, Solomon adalary we Gündogar Timor ýaly sebitleriň hem-de gury ýerden uzakda ýerleşýän adalaryň ýaşaýjylary hem bar. Bu düzgün diňe gysga wagtlyk saparlara degişli bolup, iş, okuw we beýleki uzak möhletli saparlar üçin wiza almak zerur bolmagynda galýar.




## 43 MILLION SYÝAHATÇA GARAŞÝAR

Ispaniýa iýun-sentýabr aýlary aralygynda 43 million daşary ýurtly syýahatça garaşýar. Ýurduň syýahatçylyk girdejisiniň bolsa, geçen ýyldakydan 10 göterim artyp, 64 milliard ýewro ýetmegine garaşylýar. Ýurduň Senagat we syýahatçylyk ministrliginiň maglumatyna görä, şu ýylyň syýahatçylyk möwsüminde ýurda barýan myhmanlaryň sany geçen ýyldakydan 6 göterim ýokary bolar.

Ýurtda durmuşa geçirilýän «Turismo España 2030» atly maksatnamanyň çäklerinde syýahatçylaryň ýurduň has köp ýerine deňagramly ýaýramagy üçin tagalla edilýär. Bu bolsa, syýahatçylaryň «dyknyşygynyň» öňüni gazanmaga hem-de bu pudakdan has köp girdeji almaga ýardam eder.



Maglumata görä, şu ýylyň ilkinji 5 aýynda Ispaniýa 36 milliondan gowrak daşary ýurtly syýahatçyny kabul edipdir. Bu döwürde syýahatçylaryň sany geçen ýylyň degişli döwründäkiden 5 göterim ýokary bolupdyr. Alnan girdeji bolsa, 7,8% artyp, 50,2 milliard ýewro ýetipdir.

Geçen ýyl Ispaniýa 96,8 million daşary ýurtly myhmany kabul edipdi.

# «AKYLLY» ŞÄHER KONSEPSIÝASYNDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

«Akylly» şäher (Smart City) adalgasy 1990-njy ýyllarda döreýär. Bu adalga ilkibaşda «ýaşyl» tehnologiýany aňlatmak üçin ulanylan hem bolsa, 2000-nji ýyllardaky sanly tehnologik özgertmeleriň täsiri netijesinde onuň manysy üýtgeýär we «akylly» şäher diýlende ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertini ýokarlandyrmagy üpjün edýän sanly tehnologiýalara esaslanan şähere düşünilip başlanylýar.

«Akylly» şäher konsepsiýasynyň başlangyjy hökmünde köplenç ispan şäher gurluşykçysy Ildefons Serda (1815-1876) tarapyndan 1859-njy ýylda Barselona şäheriniň döwrebaplaşdyrylmagyna üns çekilýär. 2008-nji ýylda IBM kompaniýasy tarapyndan «akylly» planetalar konsepsiýasynyň öňe sürülmegi bilen «akylly» şäher adalgasy hem durmuşda özüniň mynasyp ornuny tapýar. Sebäbi bu konsepsiýa laýyklykda çalt depginde ösýän ilatyň isleglerini kanagatlandyrmagy sanly tehnologiýalar arkaly üpjün edýän şäherleri döretmek göz öňüne tutulýar.



Ispaniýanyň Santander şäheri dünýädäki ilkinji «akylly» şäherleriň biri hasaplanýar. 2011-nji ýylda bu şähere 15 müň sany sensor oturdylyp, şäheriň howasynyň, ýol hereketiniň, hapa atylýan gutularynyň ýagdaýy baradaky maglumatlar bir bitewi ulgama birikdirilýär we sanly ulgamyň maglumatlaryna esaslanyp, şäher ilatynyň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerine çözgüt tapmak babatda ilkinji ädimler ädilýär. Bu gün bolsa, Barselona, Amsterdam, Nýu-Ýork, Çikago, Singapur ýaly şäherler «akylly» şäher konsepsiýasynda öňdäki orunlary eýeleýär.

«Arkadag şäheri-geljegiň şäheri» atly kitapda bellenilişi ýaly: «Dünýäde «akylly» şäherleriň döredilmegi BMG-niň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin öňde goýan Gün tertibiniň durmuşa geçirilmegini nazara alýar. Durnukly ösüşiň 17 maksadyndan gelip çykýan adamlaryň ýaşaýyş-durmuşyny gowulandyrmak, bilimiň, sanly maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etmek, ekologiýa ýetirilýän ýaramaz täsirleriň öňüni almak, «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak, adamlar üçin oňaýly iş şertlerini döretmek ýaly wezipeleriň durmuşa ornaşdyrylmagyna ýardam edýär».

Ýurdumyzyň iň gözel künjeginde gurlan Arkadag şäheri dünýäniň inženerçilik ylmynyň iň soňky gazananlary bilen milli binagärlik ýörelgeleriniň sazlaşykly utgaşygyny özünde jemleýär. Bu barada hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwür ähli ugurlarda täze pikirleriň hem-de innowasion önümçilikleriň zerurdygyny aýdyň görkezýär. Köpetdagyň eteginde bina edilen Arkadag şäheri hem berkarar döwletimiziň güýç-kuwwatyny we ägirt uly ösüş mümkinçiliklerini bütin dünýä äşgär etdi. Türkmenistanyň taryhyndaky ilkinji «akylly» şäheriň gurluşyklarynda milli we häzirki zaman binagärliginiň ösen tejribeleri utgaşdyryldy» diýip belleýär.

Arkadag şäheri öňdebaryjy sanly, maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan «akylly» şäheriň aýdyň nusgasydyr. Munuň şeýledigine türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň: «Arkadag şäheriniň «akylly» şäher konsepsiýasy öňdebaryjy maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň we internet serişdeleriniň sazlaşygyna esaslanýar» diýen sözlerinden hem göz ýetirmek bolýar.

Aslynda, «akylly» şäherleri gurmak başlangyjy döwrüň zerurlygyndan ugur alýar. Sebäbi «akylly» şäherleriň gurulmagy ilata edilýän durmuş hyzmatlaryny ýeňilleşdirmäge, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge kömek edýär. Dünýäniň globallaşýan şertlerinde şäheriň ilatynyň sanynyň uly depgin bilen artmagy olara hyzmat etmegi kämilleşdirmegi talap edýär. Şonuň üçin hem «akylly» şäher konsepsiýasynyň özenini düzýän sanly tehnologiýalar ilata edilýän hyzmaty kämilleşdirmekde netijeli gural bolup hyzmat edýär.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

# AWAZA – DYNÇ ALMAK ÜÇIN AJAÝYP MEKAN

Tomus pasly syýahat etmek we dynç almak üçin ajaýyp möwsümdir. Bu möwsümde syýahatçylaryň, ýurdumyzdaky dürli edara-kärhanalarda zähmet çekýän ildeşlerimiziň hem-de çagalaryň dynç alyş möwsümi başlaýar. Tomus paslynyň dynç alyş günlerini her bir adamynyň peýdaly geçirmegi olaryň saglygy we işjeňligi üçin zerurdyr. Dynç almagyň oňaýly şertleri fiziki we psihiki saglygy dikeltmek üçin ekologiýa taýdan arassa gurşawy, dogry iýmitlenmegi, işjeň hereketi hem-de şypahana bejergilerini öz içine alýar. Beden we ruhy taýdan doly dynç almak üçin aşakdaky esasy şertleri berjaý etmek möhümdir.



Dogry iýmitlenmek: Witaminlere baý we ter gök önümleri iýmek bedeniň energiýasyny artdyrýar. Saglygy dikeltmek: Şypahanalarda ýa-da tebigatda arassa howada bolmak dem alyş we nerw ulgamyny gowulandyrýar. Işjeň hereket: Bedenterbiýe bilen meşgullanmak, suwa düşmek ýa-da gezelenç etmek myşsalary berkidip, işjeňligi ýokarlandyrýar.

Ekologiýa arassalygy: Daş-töweregiň asuda bolmagy we ýaşyl zolaklar psihiki rahatlygy üpjün edýär.

Şu günler zähmet rugsadynda bolýan ildeşlerimiziň köpüsi Hazar deňziniň kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alýar. Munuň üçin syýahatçylyk zolagynda amatly şertler bar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda halkara ülňülerine laýyk gelýän ýokary derejeli myhmanhanalaryň, dynç alyş toplumlaryň, durmuş maksatly beýleki wajyp desgalaryň onlarçasynyň taslamalary amala aşyryldy. Bu ýerde ulag hyzmatlarynyň hili hem örän ýokary derejede. Türkmenbaşy şäherinde gurlan Halkara howa menzili «Awazanyň» howa derwezesi bolup hyzmat edýär. Gojaman Hazar deňziniň howasy şypaly kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi hem Watanymyzyň gözelligi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. «Awaza» häzirki wagtda ýurdumyzda we daşary ýurtlarda döwrebap sagaldyş-dynç alyş merkezleri, myhmanhanalary, sport desgalary, seýilgähleri bilen meşhurlyga eýedir. Awazanyň mümkinçiliklerinden peýdalanýan ildeşlerimiz dynç alyş günlerini gyzykly we netijeli geçirýärler. Döwrümiziň ajaýyplyklarynyň hözirini görüp dynç alýan, saglygyny berkidýän ähli watandaşlarymyz Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk we alkyş sözlerini aýdýarlar.

**Hurmagül ANNAGURBANOWA,**
*Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň KAIG-nyň başlygy.*

# ÜSTÜNLIKLERE BESLENÝÄN ÝYL

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýokary derejeli duşuşyklar, halkara maslahatlary hem-de resmi gepleşikler özara ynanyşmagy pugtalandyrmaga, parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirildi.

Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, senagatlaşdyrmak we sanly özgertmeleri giňeltmek boýunça möhüm işler alnyp baryldy. Ýangyç-energetika, himiýa, gurluşyk, dokma, oba hojalygy we ulag-aragatnaşyk pudaklarynda önümçilik kuwwatlyklary artdyryldy.



Döwlet maksatnamalaryna laýyklykda täze önümçilik desgalary ulanylmaga berildi, importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek we eksport mümkinçiligini ýokarlandyrmak boýunça işler dowam etdirildi. Hususy telekeçilige döwlet goldawy güýçlendirilip, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, täze iş orunlaryny döretmek ugrunda netijeli çäreler amala aşyryldy. Makroykdysady görkezijilere laýyklykda, hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 2,7 göterime, gurluşykda 6,7 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 10,4 göterime, söwdada 8,5 göterime, oba hojalygynda 2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,4 göterime deň boldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,3 göterime deň bolandygyny kanagatlanma bilen belledi. «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, hasabat döwründe ýurdumyzda 18 milliard 600 million manada golaý düýpli maýa goýumlar özleşdirildi.

Ýylyň ilkinji alty aýynda ýurdumyzda halkara we milli derejede köp sanly medeni çäreler, sergiler, döredijilik festiwallary, konsertler we ylmy-amaly maslahatlar geçirildi.

Saglygy goraýyş ulgamynda ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, öňüni alyş çärelerini kämilleşdirmek, täze lukmançylyk enjamlaryny ornaşdyrmak we halkara tejribäni ulanmak boýunça işler üstünlikli dowam etdirildi.

Bilim ulgamynda döwrebap özgertmeler yzygiderli dowam etdirildi. Okuw meýilnamalary kämilleşdirildi, sanly tehnologiýalaryň ulanylyşy giňeldildi, daşary ýurt dillerini we takyk ylymlary okatmagyň hili ýokarlandyryldy. Ýokary okuw mekdeplerinde ylmy-barlag işleriniň gerimi giňeldilip, innowasion taslamalary durmuşa geçirmek boýunça işler alnyp baryldy. Alymlar we ýaş gözlegçiler tarapyndan ylmy işleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga, halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge aýratyn üns berildi. Mekdeplerde we ýokary okuw mekdeplerinde häzirki zaman okuw-tehniki serişdeleri giňden ornaşdyrylyp, ýaşlaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmek, halkara ders bäsleşiklerine we olimpiadalara taýýarlamak boýunça netijeli işler amala aşyryldy.

Şu ýyl Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň hem açyljakdygy biz mugallymlaryň şatlygyna şatlyk goşdy. Täze okuw ýylyna täze okuw binasynda gadam basmak bizi täze üstünliklere ruhlandyrar.

**Mahym ÇETIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# KITAPHANANYŇ JEMGYÝETDÄKI ÄHMIÝETI

Häzirki zaman dünýäsinde maglumat iň gymmatly baýlyklaryň birine öwrüldi. Şol baýlygy toplap, gorap saklaýan we adamlara ýetirýän iň möhüm medeni ojaklaryň biri hem kitaphanalardyr. Kitaphana diňe kitaplaryň saklanýan ýeri bolman, eýsem, ylym-bilimiň, medeniýetiň we ruhy ösüşiň merkezidir. Şonuň üçin kitaphana işi we kitaphanaçylyk jemgyýetiň ösüşinde aýratyn orun eýeleýär. Kitaphana işi kitaplary diňe tertipleşdirmek ýa-da okyjylara bermek bilen çäklenmeýär. Bu ugurda işleýän hünärmenler täze neşirleri saýlap alýarlar, kitaplary ylmy taýdan hasaba alýarlar, elektron maglumat bazalaryny döredýärler, okyjylaryň isleglerini öwrenýärler hem-de dürli medeni çäreleri guraýarlar. Şeýle hem olar ýaşlaryň kitap okamaga bolan höwesini artdyrmak üçin duşuşyklary, sergileri, döredijilik agşamlaryny we bäsleşikleri geçirýärler.



Kitaphanaçylyk sabyrlylygy, giň dünýägaraýşy, maglumat bilen işlemäge ussatlygy we adamlara hormat bilen çemeleşmegi talap edýän hünärdir. Çünki käwagt bir kitabyň ýa-da bir maglumat çeşmesiniň dogry görkezilmegi adamyň geljekdäki ylmy işine, hünär saýlawyna ýa-da şahsy ösüşine täsir edip biler. Sanly tehnologiýalaryň ösmegi bilen kitaphanaçylyk hem täze derejä çykdy. Häzirki wagtda köp kitaphanalarda elektron kataloglar, sanly arhiwler, audiokitaplar we elektron kitaplar ulanylýar. Okyjylar islendik wagt kompýuter ýa-da telefon arkaly zerur maglumatlary gözläp bilýärler. Şeýle-de bolsa, tehnologiýa kitabyň gymmatyny peseltmedi. Gaýtam kitaphanaçylar maglumat ummanynda dogry çeşmäni tapmaga kömek edýän ýolbeletlere öwrüldiler. Olar diňe kitap däl, eýsem, ygtybarly maglumat bilen hem üpjün edýärler.

Kitaphana ähli ýaşdaky adamlaryň bilim almagyna we özüni ösdürmegine mümkinçilik döredýär. Okuwçy üçin ol bilim çeşmesi bolsa, talyp üçin ylmy gözlegleriň daýanjydyr. Mugallymlar, alymlar we döredijilik işgärleri üçin bolsa täze pikirleriň we ylhamyň çeşmesidir. Kitaphanalar milli medeni mirasy gorap saklamaga hem uly goşant goşýar. Gadymy golýazmalar, taryhy neşirler, seýrek duş gelýän kitaplar we beýleki gymmatly çeşmeler geljek nesiller üçin aýawly saklanýar. Bu bolsa halkyň taryhyny, dilini we medeniýetini dowam etdirmäge mümkinçilik döredýär.

Kitaphana geçmiş bilen geljegi birleşdirýän, bilimi we medeniýeti nesilden-nesle geçirýän mukaddes mekandyr. Kitaphanaçylyk bolsa halkyň aň-bilim derejesini ýokarlandyrmaga hyzmat edýän asylly kärdir. Her bir okalan kitap täze pikirleriň gapysyny açýar. Şol gapynyň ilkinji açary bolsa kitaphanadyr. Kitaply jemgyýet bilimli, medeniýetli we geljege ynam bilen barýan jemgyýetdir.

**Gunça SAPAROWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Çoganly şäherçe kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## EDEBIÝAT

*Tomas Mann: «Edebiýatyň maksady – ynsana özüni tanatmakdyr».*

### Kitaplar uly sahnada: festiwalyň täze taslamasy

Portugaliýanyň Lissabon şäherinde 9-11-nji iýulda geçirilen iň iri tomus aýdym-saz festiwallarynyň biri bolan «NOS Alive»-da şu ýyl ilkinji gezek edebiýata aýratyn orun berildi. Festiwalyň guramaçylary 18-nji gezek geçirilýän çärede «Edebiýat sahnasy» atly täze taslamany durmuşa geçirip, aýdym-saz baýramynda kitaplara, ýazyjylara hem-de söz sungatyna aýratyn orun berdiler. Her günde 55 müň tomaşaçyny kabul eden we giriş petekleri doly satylan bu çäre diňe bir aýdym-saz bilen çäklenmän, eýsem, sungatyň dürli ugurlaryny birleşdirýän giň gerimli medeni platforma öwrüldi.



Festiwalyň ilkinji gününde meşhur portugal ýazyjysy Walter Ugu Maeniň we edebiýatçy Pedro Şagaş Freýtaşyň alypbaryjy Ana Markl bilen söhbetdeşligi guraldy. Ýazyjy Walter Ugu Mae «Euronews» teleýaýlymyna beren interwýusynda kitaplary adamlara has-da ýakynlaşdyrmagyň möhümdigini belläp, edebiýatyň adamzadyň kämilleşmegindäki ornuny nygtady. Şeýle-de ol häzirki zaman tehnologiýalarynyň, aýratyn-da emeli aňyň çäksiz mümkinçiliklerine garamazdan, adamyň hakyky duýgularynyň we edebi döredijiliginiň ornuny tutup bilmejekdigini aýtdy.

Çäräniň çäklerinde tanymal awtorlaryň gatnaşmagynda duşuşyklar guraldy. Tomaşaçylar diňe bir gürrüňdeşlikleri diňlemek bilen çäklenmän, halaýan awtorlarynyň kitaplaryny satyn alyp, olara gol çekdirip hem bildiler. Satyn alnan kitaplaryň artykmaç ýük bolmazlygy üçin, poçta gulluklary arkaly olary öýlere mugt eltip bermek hyzmaty ýola goýuldy.

### Halkara aeroportda täze dükan

Kataryň Doha şäherindäki Hamad Halkara howa menzilinde dünýä belli «Assouline» neşirýatynyň syýahat kitaplaryna ýöriteleşdirilen ilkinji dükany açyldy. Aeroportuň 2022-nji ýylda ulanmaga berlen «Orchard» atly ýapyk zolagynda ýerleşýän bu söwda nokady brendiň dünýä boýunça ilkinji şeýle taslamasydyr. Indi sebit arkaly syýahat edýän ýolagçylar bu ýerden meşhur neşirýatyň syýahatçylyk baradaky kitaplaryny, ysly şemlerini, matadan tikilen torbalaryny we beýleki gymmat bahaly sowgatlaryny satyn alyp bilerler.



«Qatar Airways» awiakompaniýalar toparynyň bölek söwda we myhmanhana biznesi boýunça direktory Thabet Muslehiň bellemegine görä, özboluşly dizaýny bolan bu täze dükan ýolagçylarda syýahatçylyk duýgusyny oýarmak bilen birlikde, olara halkara derejesindäki aýratyn hyzmatlary hödürleýär. Häzirki wagtda syýahatçylyk pikirleri, esasan, durmuş ulgamlaryndan we internet sahypalaryndan gözlenilýän hem bolsa, «Assouline» neşirýatynyň özüne çekiji reňkli daşlygy bolan çap önümleri bütin dünýäde aýratyn meşhurlyga eýedir. Hamad Halkara howa menzili dünýäniň iň kaşaň brendleriniň jemlenen merkezi hökmünde hem çykyş edýär.

### Mohammed Moiniň baý ylmy mirasy

Eýranyň häzirki zaman medeniýetiniň we edebiýatynyň taryhynda döwrebap sözlükçilik (leksikografiýa) ylmynyň düýbüni tutujy, görnükli dilçi alym, professor Mohammed Moin pars diliniň we Eýranyň baý medeni mirasynyň saklanyp galmagyna, şeýle hem olaryň ylmy esasda öwrenilmegine ägirt uly goşant goşdy. Ol Tähran uniwersitetiniň pars dili we edebiýaty boýunça ilkinji uçurymlarynyň biri bolmak bilen, ýurduň taryhynda ilkinji filologiýa ylymlarynyň doktory diýen ada eýe bolan şahsyýetdir.

1918-nji ýylyň 1-nji maýynda Reşt şäherinde doglan Mohammed Moin çagalyk döwründe ýetim galyp, atasy Şeýh Mohammed Tagi Moinol-Ulema tarapyndan terbiýelenip ýetişdirilýär. Zehinli ýaş ýigit gysga wagtyň içinde arap, fransuz, iňlis we nemes dillerini kämil derejede öwrenýär. Pars diliniň taryhy ösüşini hem-de yslamdan öňki gadymy eýran dillerini çuňňur öwrenen alym awesta, gadymy pars hem-de pehlewi dillerini hem ýokary derejede özleşdirmegi başarýar.

Professor Moin gadymy Gündogary öwrenişiň baý däplerini Günbataryň dil bilimi usullary bilen utgaşdyryp, dil baradaky ylymlaryň täze ugruny açýar. Ol diňe bir ýurt içinde däl, eýsem, halkara derejede hem ylmy jemgyýetçilik tarapyndan giňden ykrar edilýär. Alym meşhur fransuz filosofy we eýranşynasy Anri Korben bilen ýakyn hyzmatdaşlyk saklap, irki filosofik hem-de mistik (tasawwuf) golýazmalary ylmy dolanyşyga girizýär we birnäçe gymmatly edebi eserleri bilelikde neşir edýär. Şeýle-de ol Sorbonna, Garward, Prinston we Lahor ýaly dünýäniň öňdebaryjy uniwersitetlerinde ylmy leksiýalar bilen çykyş edýär.

Alymyň düýpli ylmy barlaglary Eýranyň baý medeni mirasyny gorap saklamakda taryhy wezipäni ýerine ýetirýär. Alymyň iň esasy ylmy işi bolan köp jiltli «Moiniň sözlügi» halkara fonetik transkripsiýany we pars sözleriniň gadymy dillerdäki köklerini ilkinji gezek şöhlelendiren, häzirki döwürde hem gymmatyny ýitirmän gelýän iň ygtybarly çeşmedir.

Onuň Gündogary öwreniş we gadymy diller boýunça bitiren ägirt uly hyzmatlary nazara alnyp, alym 1954-nji ýylda Fransiýanyň Ýazgylar we çeper edebiýat akademiýasynyň ýörite baýragyna mynasyp bolýar.



Mundan başga-da, alym pars diliniň iň uly ensiklopedik hazynasy bolan meşhur «Dehhodanyň sözlüginiň» düzülmegine ýakyndan gatnaşýar. Dil bilimi bilen bir wagtda, alym Eýranyň modern poeziýasynyň düýbüni tutujy Nima Ýuşijiň wesýeti boýunça, onuň heniz çap edilmedik eserlerini tertipleşdirip, neşire taýýarlaýar.

Professor Mohammed Moin diňe bir dilçi däl, eýsem, professional ylmy medeniýetiň we akademik ygrarlylygyň hakyky nusgasy hökmünde ylym taryhyna girdi. Ol 1966-njy ýylda Tähran uniwersitetinde işläp otyrka insult geçirýär we bäş ýyla golaý dowam eden koma ýagdaýyndan soň, 1971-nji ýylyň 4-nji iýulynda aradan çykýar. Alymyň aradan çykmagy şol döwrüň medeni durmuşynda çuňňur gynanja sebäp bolýar. Döwürdeş ýazyjylary we dostlary jemgyýetde hakyky ylym hem-de medeniýet işgärlerine bolan ünsüň we sarpanyň has-da artdyrylmalydygyny aýratyn belleýärler. Häzirki wagtda professor Mohammed Moinyň galdyran baý ylmy mirasy, sözlükleri we ylmy barlaglary geljekki nesiller üçin milli gymmatlyklary düýpli öwrenmegiň aýdyň mekdebi bolup, pars dilini öwrenýän talyplar hem-de halkara ylmy toparlar üçin esasy gollanma hökmünde hyzmat edýär.

### Suwuň üstündäki täsin kitaphana

Fransiýanyň paýtagty Parižde, taryhy Notr-Dam ybadathanasynyň golaýyndaky Sena derýasynda «Nanna» atly üýtgeşik gämi-kitaphana öz işine başlady. Bu özboluşly taslama kitapsöýüjilere diňe bir erkin kitap okamaga däl-de, eýsem, dürli medeni çärelere we aýdym-sazly agşamlara gatnaşmaga-da mümkinçilik berýär. Ýakynda açylan bu medeni merkez Monbello kenarýakasynda ýerleşip, geljekde-de uzak ýyllaryň dowamynda paýtagtyň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna hyzmat eder.

Döwrebap binagärlik nusgasyndaky bu desga Parižde öz-özüňe hyzmat ediş ulgamynda işleýän iň uly kitap tekjesi hökmünde häsiýetlendirilýär. Häzirki wagtda bu ýerde dünýä edebiýatyna, fransuz nusgawy eserlerine, şeýle hem poeziýa we dramaturgiýa degişli 5 müňden gowrak kitap jemlenip, aýratyn-da zenan ýazyjylaryň eserlerine uly orun berilýär. Täsin taslamanyň esasy aýratynlygy – islendik okyjy halan kitabyny mugt alyp bilýär we ony yzyna gaýtarmak borçy goýulmaýar. Mundan başga-da, gelýän myhmanlara öz ýanlary bilen getiren kitaplaryny gämi-kitaphananyň gaznasyna sowgat bermäge hem mümkinçilik döredilendir. Ýerli sungat işgärleriniň bellemegine görä, şeýle innowasion çemeleşmeler jemgyýetde kitap okamaga bolan gyzyklanmany has-da ýokary götermäge ýardam edýär.



Bu merkez diňe bir kitaphana bolmak bilen çäklenmän, agşamara dürli medeni çäreleriň geçirilýän ýerine öwrüldi. Bu ýerde aýdym-sazly agşamlar, ýazyjylar bilen gyzykly edebi duşuşyklar guralýar. Taslamanyň esaslandyryjysy Nikolas Ložero Lasser Sena derýasynyň hemişe sungat we edebiýat ussatlary üçin ylham çeşmesi bolandygyny, şonuň üçin hem şeýle medeni desganyň hut suwuň üstünde ýerleşdirilmeginiň örän tebigy ädimdigini nygtaýar.

Şeýle täzeçil taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Fransiýanyň kitap söwdasy we neşirýat pudagy üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Milli kitap merkeziniň berýän maglumatlaryna görä, 2025-nji ýylda bu ýurduň taryhynda ilkinji gezek ýapylan kitap dükanlarynyň sany (85) täze açylan dükanlardan (83) köp bolup, bu görkeziji pudakda çynlakaý kynçylyklaryň başlandygynyň alamaty boldy. Şonuň üçin hem täze gämi-kitaphana ýurtda kitap söwdasyny janlandyrmagyň we okyjylar köpçüligini goldamagyň döwrebap hem-de täsin nusgasy hökmünde uly ähmiýete eýedir.

### Asturiýa şazadasynyň baýragyna mynasyp boldy



Britaniýaly meşhur ýazyjy Julian Barns edebiýat älemindäki 45 ýyldan gowrak işinden soňra, 80 ýaşynda roman žanryndaky işini tamamlaýandygyny mälim etdi. Ol şu ýylyň 23-nji oktýabrynda gowşuryljak edebiýat ugry boýunça 2026-njy ýylyň Asturiýa şazadasynyň baýragyna mynasyp boldy. Barns 2001-nji ýylda bu baýraga eýe bolan Doris Lessingden soňra, abraýly baýragy aljak ikinji britaniýaly ýazyjydyr. Şeýle hem ýazyja Žoan Mironyň heýkeljigi, diplom, ýörite nyşan we 50 müň ýewro möçberindäki pul baýragy gowşurylar.

Ýazyjynyň Barselonadaky «Caixaforum» medeniýet merkezinde geçirilen «Hoşlaşyklar» (Despedidas) atly täze essesiniň tanyşdyrylyş dabarasynda mälim etmegine görä, bu eser onuň iň soňky kitaby bolar. Şol bir wagtda awtor beýleki edebi žanrlarda işlemegini dowam etjekdigini mälim etdi.

Julian Barns 1946-njy ýylda Lester şäherinde dünýä indi. Ol Oksford uniwersitetiniň häzirki zaman dilleri fakultetini tamamlap, edebiýat meýdanyna gelmezinden öň leksikograf, synçy hem-de edebiýat tankytçysy bolup işledi. Ol Fransiýanyň Sungat we edebiýat ordeni, Amerikan akademiýasynyň E.M.Forster baýragy ýaly birnäçe abraýly sylaglaryň eýesidir. Ýazyja 1986-njy ýylda çap edilen we Buker baýragyna dalaşgär görkezilen «Floberiň totusy» atly üçünji romany uly meşhurlyk getirdi. Barns roman we esse žanrlaryny utgaşdyrýan özboluşly ýazuw täri bilen tapawutlanýar. Ol özüniň ilkinji Buker baýragyna 25 ýyldan soň, ýagny «Ahyryňy duýmak» romany üçin mynasyp boldy. Ispaniýada onuň kitaplary «Anagrama» neşirýaty tarapyndan köpçülige ýetirilýär.

**Ogulbahar SÄHETGULYÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Magtymguly adyndaky merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

### Paýhaslar

☑ Iň uly güýç – özüňe erk edip bilmekdir.
***Seneka.***

☑ Içki rahatlygy tapanyňyzda, daşarky dünýä size täsir etmegini bes eder.
***Lao Szy.***

☑ Bilimsiz ömür, gözelligi duýulmadyk we doly ýaşalmadyk bir ömürdir.

☑ Özüňi tanamak – paýhasyň başlangyjydyr.
***Sokrat.***

☑ Iň erbet ýalan – bu birazajyk üýtgedilen hakykatdyr.
***Žan de Labrýuer.***

☑ Nirede we kim bolup ýaşasaň hem, erbetlik etme. Salyhatly bol, çünki eken zadyňy orarsyň.
***Omar Haýýam.***

☑ Näçe köp okasam, şonça-da az bilýändigime has çuňňur göz ýetirýärin.
***Wolter.***

☑ Meniň gorkýan ýeke-täk zadym – içgysgynçlykdyr.
***Stendal.***

☑ Durmuş özüňi tapmakdan ybarat däldir, durmuş özüňi döretmekdir.
***Bernard Şou.***

☑ Iň beýik peşgeş – bütin durkuň bilen diňe şu pursatda ýaşamakdyr.
***Tiç Nat Han.***

☑ Özüňe ynam – üstünligiň ilkinji syrydyr.
***Ralf Waldo Emerson.***

☑ Alada etmek ertirki günüň kynçylyklaryny aýyrmaýar, ol diňe şu günki günüň güýç-kuwwatyny ogurlaýar.
***Korri ten Bom.***

☑ Agzybir bolmak – ilkinji ädim, agzybirligi saklamak – öňegidişlik, agzybir zähmet çekmek bolsa – hakyky ýeňişdir.

☑ Şowsuzlyk – bu ýene-de bir gezek, ýöne bu gezek has akyllylyk bilen başlamak mümkinçiligidir.
***Genri Ford.***

☑ Iň gowy wagt – häzirki wagtdyr, iň gowy ýer bolsa – şu duran ýeriňizdir.
***Wolt Witman.***

☑ Kiçijik bolsa-da, edilen hiç bir ýagşylyk biderek gitmez.
***Ezop.***

☑ Bagt – taýýar bir zat däldir. Ol siziň öz eden işleriňizden we garaýyşlaryňyzdan döreýär.
***Dalaý Lama.***

☑ Dünýäde iň uly we iň kyn zat – öz-özüňi bolşuň ýaly bilmek we kabul etmekdir.
***Mişel de Monten.***

☑ Bagtly bolmak – oý-pikirleriňiziň hiline we tämizligine baglydyr.
***Mark Awreliý.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Täze Konstitusiýanyň taslamasy.** Ermenistanyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan halkyň isleglerine we bähbitlerine doly laýyk



geljek täze Konstitusiýanyň taslamasynyň şu ýylyň ahyryna çenli köpçülige ýetiriljekdigini mälim etdi. Hökümet Baştutanynyň sözlerine görä, resminamanyň mundan ozal yglan edilmezligine ýurtda geçirilen parlament saýlawlary sebäp boldy. Resminamany hemmetaraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak üçin şeýle karar kabul edildi.

**Fransiýada uly gurluşyk.** Fransiýanyň Hökümeti ýurtda 2030-njy ýyla çenli 2 milli-



on maşgala niýetlenen ýaşaýyş jaý gurmagy meýilleşdirýär. Premýer-ministr Sebastýen Lekornýunyň aýtmagyna görä, bu taslamanyň çäginde 2026-njy ýylyň býujetinden serişde bölünip, her ýylda 400 müň maşgala niýetlenen ýaşaýyş jaý gurlup ulanmaga berler. Hökümet Baştutany ilaty ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmegiň ýurduň iň möhüm meselesidigini aýratyn nygtady.

**Günbatar Ýewropada rekord yssylyk.** Günbatar Ýewropada meteorologik synlaryň taryhynda iň yssy iýun aýy hasaba alnyp, ho-



wanyň ortaça temperaturasy kadadan 3,06 °C ýokary boldy. «Copernicus» gullugynyň maglumatyna görä, global derejede hem şu ýylyň iýun aýy taryhdaky ikinji iň yssy aý hökmünde bellenildi. Bilermenler munuň öňüni almak üçin şäherleri bagy-bossanlyga öwürmegi we binalary kölegelendirmegi maslahat berýärler.

**Biologik ýaşyň syry.** Wengriýanyň Sport ylymlary uniwersitetiniň alymlary içege



mikroflorasynyň düzüminiň biologik ýaşyň üýtgemegine göni täsir edýändigini anykladylar. Ylmy barlaglara görä, içegede zyýanly bakteriýalaryň köp jemlenmegi garramak prosesini çaltlandyrsa, peýdaly bakteriýalar ony haýalladyp, bedeniň kuwwatyny saklaýar. Bu netijeler geljekde ýörite probiotikleriň kömegi bilen adam ömrüni uzaltmaga täze mümkinçilikleri açýar.

**Orta asyrlardan galan tapyndy.** Germaniýanyň Paderborn şäherindäki gurluşyk



meýdançasynda Orta asyrlara degişli 700-800 ýyllyk seýrek ýazgy depderçesi tapyldy. Agaçdan we mumdan ýasalan bu gymmatlykda latyn dilindäki ýazgylar anyk görünýär. Häzirki wagtda laboratoriýada öwrenilýän ýazgylaryň şol döwrüň durmuşyny öwrenmäge ýardam etjekdigi we tiz wagtda doly okaljakdygy habar berilýär.

**Welsde hazyna tapyldy.** Welsiň kenaryndan 1583-nji ýylda gark bolan «Ann Francis» gämisine degişli ýüzlerçe altyn şa-



ýylyklar we seýrek artefaktlar tapylyp, muzeýe tabşyryldy. 69 ýaşly Piter Hýuz tarapyndan metal gözleýji arkaly tapylan bu gymmatlyklaryň entek diňe dörtden bir böleginiň ýüze çykarylandygy çaklanylýar. Taryhy tapyndylaryň arasynda Ispaniýanyň we Portugaliýanyň patyşalaryna degişli pullar, bosman jürlewügi we gäminiň kodly gulpy bar.

**Goýun sürüsini «işe aldy».** Polşadaky «Volkswagen» zawodynyň çägine ot orýan tehnikalaryň ýerine 100 sany goýun goýberildi. Bu goýunlar zawodyň energiýa mätäçliginiň 25 göterimini üpjün edýän 31 müň sany Gün paneliniň arasynda otlap, meýdandaky otlaryň aşa ösmeginiň öňüni almaga kömek edýär. Häzirki wagtda panelleriň kölegesinde yssydan goranýan süriniň peýdasy Poznan tebigy ylymlar uniwersitetiniň alymlary tarapyndan ylmy esasda öwrenilýär.




## TARYHDA ŞU GÜN

**Dünýäniň iň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Kolumbiýa uniwersiteti mundan 272 ýyl ozal, ýagny 1754-nji ýylyň 17-nji iýulynda Nýu-Ýorkda «Korollyk kolleji» ady bilen açylýar. Ilkinji ýyllarynda bary-ýogy on talyp we bir professordan ybarat bolan bu bilim ojagy, 30 ýyldan soň «Kolumbiýa kolleji» diýlip atlandyrylýar. Wagtyň geçmegi bilen çalt ösen bilim ojagy, uniwersitet derejesine eýe bolýar we häzirki wagtda Amerikanyň iň iri hem-de öňdebaryjy ylym merkezleriniň birine öwrüldi.**



# Halkara yslam siwilizasiýasy forumy geçirildi

7-11-nji iýulda Özbegistan Respublikasynda geçirilen I halkara Yslam siwilizasiýasy forumynyň çäklerinde ylym, bilim we medeni hyzmatdaşlygy ösdürmäge, şeýle hem yslam medeni mirasyny gorap saklamaga gönükdirilen 70-den gowrak halkara taslama badalga berildi. Daşkent, Samarkant we Termez şäherleriniň meýdançalarynda guralan bäş günlük forum dünýäniň 50-den gowrak ýurdundan 450-den gowrak alymy, din işgärlerini, diplomatlary we bilermenleri bir ýere jemledi. Halkara çäräniň esasy maksady yslam medeniýetiniň dünýä siwilizasiýasyna, ylmyna hem-de intellektual durmuşyna goşan taryhy goşandyny aýdyň görkezmekden, yslamyň parahatçylyk söýüjilik we ynsanperwerlik ýörelgelerini dabaralandyrmakdan ybarat boldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew forumyň açylyş dabarasynda gatnaşyjylara ýollan ýüzlenmesinde häzirki wagtda dünýäniň çylşyrymly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýandygyny belläp, ylymdyr bilimiň, medeniýetiň we umumadamzat ahlak gymmatlyklarynyň parahatçylygy, dialogy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmekde möhüm gural bolup durýandygyny nygtady. Çäräni guraýjy tarap bolan Özbegistandaky Yslam siwilizasiýasy merkeziniň wekilleri hem öz gezeginde yslamyň asyl düýp özeniniň we taryhy hakykatynyň parahatçylyga esaslanýandygyny, munuň bolsa asyrlaryň dowamynda gazanylan ylmy üstünlikler hem-de adamzadyň ösüşine goşulan goşantlar



arkaly bütin dünýä subut edilmelidigini öňe sürdüler. Ýygnananlar taryhy golýazmalary gorap saklamakda, olary sanly ulgama geçirmekde we öwrenmekde döwrebap tehnologiýalaryň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Taslamalaryň netijeleri boýunça ylmy barlaglar, golýazma mirasyny gorap saklamak, bilim we sanly tehnologiýalar ulgamynda geljekki hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitleýän Daşkent jarnamasy kabul edildi.

# TÄZE ELIPBIÝ TASSYKLANDY

**Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisiniň Kanun çykaryjy palatasy ýurduň latyn grafikasyna esaslanýan elipbiýini kämilleşdirmek baradaky kanun taslamasyny biragyzdan kabul edip, Senata iberdi. Täze kanuna laýyklykda, ozalky 26 harpdan we 3 sany harp utgaşmasyndan ybarat bolan elipbiý indi 28 harpy hem-de 1 sany apostrof belgisini özünde jemlär. Bu özgerişlik, esasan, ýazuwda we sanly ulgamda kynçylyk döredýän dört sany harpyň kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar: «Sh» harpy «Ş», «Ch» harpy «Ç», «O‘» harpy «Ö», «G‘» harpy «Ğ» harpyna üýtgedilip, «ng» harp utgaşmasy bolsa elipbiýden aýrylýar.**

**Özbegistanyň Ylymlar akademiýasynyň bilermenleri bu özgerişligiň «bir ses – bir harp» ýörelgesine we Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň hem-de Türkiýäniň tejribesine esaslanýandygyny mälim edýärler. Ozalky apostrofly harplaryň halkara «Unicode» ülňülerinde aýratyn harp hökmünde ýoklugy maglumat tehnologiýalarynda, elektron töleglerde we diliň sanlylaşdyrylma prosesinde bökdençlik döredipdir. Täze hödürlenýän harplar bolsa Türki döwletleriň guramasy tarapyndan öňe sürülýän umumytürki elipbiýe doly gabat gelýär.**

**Halk deputatlary täze kadalaryň döwlet býujetine goşmaça agram salman, tapgyrlaýyn esasda durmuşa ornaşdyrylmagyny göz öňünde tutýarlar. Ozal berlen şahsy resminamalar, milli walýuta, gymmatbahaly kagyzlar hem-de döwlet edaralarynyň resmi nyşanlary we ýazgylar öz ýuridik güýjüni saklar. Täze elipbiý okuw kitaplarynyň meýilleşdirilen täze neşirlerinde, pasportlaryň möhleti gutaryp çalşyrylanda we pul serişdeleriniň tebigy täzelenmeginde giriziler. Döwlet Baştutany Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy esasynda kabul edilen bu kanun Senat tarapyndan makullanyp, Prezident tarapyndan gol çekileninden soňra resmi taýdan güýje girer.**




# Moldowada täze Premýer-ministr

Moldowanyň Prezidenti Maýýa Sandu ýurduň täze Premýer-ministri wezipesine işewür Wasiliý Tofanyň dalaşgärligini hödürledi. Täze hökümet Başlygynyň öňünde ýurdy Ýewropa Bileleşigine agza bolmaga taýýarlamak we milli ykdysadyýeti janlandyrmak ýaly möhüm wezipeler durýar. Bu barada döwlet Baştutany jemgyýetçilik ulgamlary arkaly beren wideoýüzlenmesinde mälim etdi.

Prezidentiň bellemegine görä, Wasiliý Tofanyň esasy maksatnamasy döwlet edaralarynyň hem-de jemgyýetiň durnuklylygyny berkitmäge, şeýle hem ýurduň ykdysady ösüşini üpjün etmäge gönükdiriler. Häzirki wagtda parlamentiň goldawyny almak üçin dalaşgäre iki hepde wagt berlip, ol bu döwrüň içinde özüniň hökümet maksatnamasyny we Ministrler Kabinetiniň täze düzümini hödürlemelidir.

Wasiliý Tofan Garward biznes mekdebiniň uçurymy bolup, Niderlandlarda döwlet dolandyryşy ugrundan bilim aldy. Ol häzirki wagtda «Horizon Capital» maýa goýum kompaniýasynyň dolandyryjy hyzmatdaşy wezipesini ýerine ýetirýär. Şeýle-de, parlamentde köplügi eýeleýän «Hereket we raýdaşlyk» (PAS) partiýasynyň ýolbaşçysy Igor Grosu täze dalaşgäriň maksatlarynyň partiýanyň garaýyşlary bilen doly gabat gelýändigini tassyklady.



Mundan öň, parlamentdäki syýasy durnuklylygy üpjün etmek maksady bilen, Premýer-ministr Aleksandr Muntýanunyň 3-nji iýulda wezipesinden çekilendigi mälim edilipdi. Ýewropa Bileleşigi geçen aýda Moldowa bilen gurama agza bolmak boýunça resmi gepleşikleriň ilkinji tapgyryna başlapdy. Moldowa bu gurama agza bolmaga resmi dalaşgär derejesini 2022-nji ýylyň 23-nji iýunynda alypdy.

# Laos ŞHG-niň hyzmatdaşy boldy

Laos Halk Demokratik Respublikasy Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) dialog boýunça hyzmatdaşy derejesine eýe boldy. 10-njy iýulda Pekin şäherinde Laosa degişli derejäni bermek baradaky Ähtnama gol çekmek dabarasy geçirildi.



Laosy guramanyň dialog boýunça hyzmatdaşlygyna kabul etmek baradaky çözgüt 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyň Týanszin şäherinde geçirilen ŞHG-niň döwlet Baştutanlarynyň geňeşiniň 25-nji mejlisiniň dowamynda kabul edilipdi. Häzirki wagtda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň düzüminde 10 sany doly hukukly agza döwlet, 2 sany synçy döwlet we Laosy hem goşmak bilen 15 sany dialog boýunça hyzmatdaş ýurt bar. Taraplaryň pikirine görä, bu möhüm ädim Laosyň durmuş-ykdysady taýdan ösmegine we sebitara hyzmatdaşlygyň berkemegine saldamly goşant goşar.

# Dünýä ykdysadyýeti durnuklaşar

Halkara Pul Gaznasy (HPG) 2026-njy ýylda dünýä ykdysadyýetiniň ösüş depgininiň 3 göterime çenli azalmagyna, emma 2027-nji ýylda bolsa bu görkezijiniň çalt depginler bilen durnuklaşyp, 3,4 göterime çenli ýokarlanmagyna garaşylýandygyny mälim etdi. Gaznanyň neşir eden «Bütindünýä ykdysadyýetiniň geljekki ösüşi» atly hasabatynyň iýul aýyndaky sanynda görkezilişi ýaly, garaşylýan ykdysady ösüş 2024-2025-nji ýyllarda hasaba alnan ortaça 3,5 göterimlik görkezijiden pes bolsa-da, ol şu ýylyň aprel aýyndaky çaklamalar bilen doly laýyk gelýär.



Maliýe guramasynyň bilermenleri Ýakyn Gündogardaky geosyýasy ýagdaýlaryň we parahatçylyga abanýan wehimleriň dünýä ykdysadyýetine ýetirýän oňaýsyz täsirleriniň bardygyny belleýärler. Muňa garamazdan, emeli aň tehnologiýalarynyň durmuşa işjeň ornaşdyrylmagy hem-de bu ugurdaky sarp ediş isleginiň artmagy netijesinde, ählumumy tehnologik döwrüň çaltlanmagy global ykdysady haýallamanyň öňüni almaga hem-de durnuklylygy gorap saklamaga mümkinçilik berýär.

# Marokkoda kaşaň gökdirän

Marokko Patyşalygynda özboluşly binagärlik keşbi bilen tapawutlanýan täze gökdirän bina edildi. Beýikligi 250 metre ýetýän bu desga ýurduň iň belent binasy bolmak bilen bir hatarda, Afrika yklymynda hem iň beýik binalaryň sanawynda ikinji orny eýeleýär. Paýtagt Rabatda gurlan bu kaşaň bina ýurduň häzirki Patyşasynyň adyny göterip, «Mohammed VI Tower» diýlip atlandyryldy. Sekiz ýylyň dowamynda gurlan binanyň taslamasy düzülende, dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryndan we innowasion çözgütlerinden peýdalanyldy. Desga aşakdan ýokaryk tarap çürelip gidýän özboluşly sütüni ýatladýar. Onuň gurluşygynda ýerli howa şertleri we ekologiýa talaplary doly hasaba alyndy. Hususan-da, binanyň günorta tarapynda Günüň şöhlesinden goraýan ulgamlar we energiýa tygşytlaýjy Gün batareýalary oturdyldy. Şeýle hem bu ýerde ýagyş suwuny ýygnap, gaýtadan ulanmaga mümkinçilik berýän ýörite ulgam ornaşdyryldy. Bu bolsa binanyň halkara «LEED Gold» ekologiýa standartyna laýyk gelmegini üpjün edýär. Geologik taýdan çylşyrymly ýerde ýerleşýändigi sebäpli, binanyň binýady 60 metr çuňlukda berkidildi.

Umumy meýdany 102 müň inedördül metrden gowrak bolan 55 gatly belent binada ýokary derejeli myhmanhana, döw-



rebap edara binalary, ýaşaýyş jaýlary we paýtagtyň gözelligini synlamaga mümkinçilik berýän ýörite meýdança ýerleşýär. Bina jemi 36 sany lift bilen enjamlaşdyryldy. Bu iri göwrümli taslamanyň durmuşa geçirilmegine takmynan 700 million amerikan dollary möçberinde maýa goýuldy. Gurluşyk işlerini dünýäniň iň beýik binalaryny gurmakda uly tejribesi bolan meşhur «BESIX» kompaniýasy amala aşyrdy.

# Dünýäniň iň gymmat şäherleri

Şweýsariýanyň «Julius Baer» bankynyň taýýarlan hasabatyna görä, Singapur eýýäm dördünji ýyl yzygiderli dünýäniň iň gymmat şäherleriniň sanawynda birinji orny eýeläp gelýär. Gozgalmaýan emlägiň hem-de awtoulaglaryň gymmatlygy, şeýle hem ýerli walýutanyň durnuklylygy bu şäheriň öňdäki ornuny saklamagyna ýardam etdi. Sanawyň ilkinji üçlügine Sýurih we Monako şäherleri hem girdi. Gonkong we London bolsa, degişlilikde, dördünji we bäşinji orunlary eýeledi. Bütindünýä sanawynyň iň soňky basgançaklaryny Manila, Ýohannesburg we Wankuwer şäherleri jemleýär.

Hasabata görä, sanawdaky orun çalşyklaryna ýerli inflýasiýa däl-de, esasan, walýuta hümmetiniň üýtgemegi täsir etdi. Amerikan dollaryna garanyňda şweýsar frankynyň we ýewronyň gymmatlamagy Ýewropa şäherleriniň sanawda öňe saýlanmagyny üpjün etdi. Milli pulunyň dollara bolan baglylygy Dubaýyň sanawda 14-nji orna çenli aşaklamagyna getiren hem bolsa, şäher sebitdäki durnukly ykdysady ösüş meýdançasy bolmagynda galýar. Awstraliýa dollarynyň gymmatlamagy we importyň nyrhlarynyň ýokarlanmagy netijesinde alty basgançak öňe saýlanan Sidneý şäheri sanawyň 8-nji ornuna eýe boldy.

Hasabat döwründe dünýä boýunça premiýum derejeli durmuş şertleriniň bahasy ortaça 10,2 göterim, kaşaň harytlaryň nyrhlary bolsa 12,3 göterim ýokarlandy. Altynyň bahasynyň rekord derejede gymmatlamagy netijesinde, şaý-sepleriň we



sagatlaryň bahalary has-da ýokary galdy. Geçirilen barlaglar dünýäde emele gelen geosyýasy näbelliligiň maýadarlaryň tas 95 göteriminde uly alada döredýändigini tassyklady. Hasabatda görkezilişi ýaly, Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde maýadarlar maliýe portfellerini gymmatbahaly metallar bilen berkitmäge çalyşýarlar. Ýakyn Gündogarda töwekgelçilik derejesiniň peselmegi we maşgala ofisleriniň döredilmegi öňe çykan bolsa, Ýewropada kapitaly gorap saklamaga gönükdirilen seresaplylyk meýilleri agdyklyk edýär.



# Parižde dabaraly harby ýöriş geçirildi

**14-nji iýulda Parižde Fransiýa Respublikasynyň Milli baýramy – Bastiliýanyň alynmagynyň güni mynasybetli dabaraly harby ýöriş geçirildi. Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň gatnaşmagynda guralan bu dabaraly çärä birnäçe döwlet hem-de hökümet Baştutanlary, şol sanda halkara guramalaryň wekiliýetleri hormatly myhmanlar hökmünde gatnaşdylar. Ýelisey meýdançasynda geçirilen dabaralar dostlukly döwletleriň özara hyzmatdaşlyga, parahatçylygy hem-de durnuklylygy üpjün etmäge bolan ygrarlylygyny aýdyň görkezdi.**

**Dabaraly harby ýörişe 6600-den gowrak harby gullukçy gatnaşyp, köp sanly döwrebap harby we ýörite tehnikalar, şeýle hem harby uçarlar we dikuçarlar görkezildi. Çäräniň barşynda Fransiýanyň Harby-deňiz güýçleriniň esasandyrylmagynyň 400 ýyllygyna bagyşlanan ýörite dabaraly çykyşlar guraldy. Döwletleriň we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmek ýörelgelerinden ugur alnyp guralan bu dabaralarda harby düzümleriň, şol sanda halkara hyzmatdaşlygynyň düzümine girýän daşary ýurtly wekilleriň dabaraly ýörişi guraldy.**

**Mälim bolşy ýaly, halkara bileleşigi tarapyndan dünýäde parahatçylygy we durnukly ösüşi berkitmekde, durnuklylygy saklamakda we hyzmatdaşlygy täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmakda amala aşyrylýan çäreler uly ähmiýete eýedir. Parižde geçirilen bu dabaraly çäre halkara gatnaşyklarynyň we parahatçylykly hyzmatdaşlygyň dabaralanmagyna goşant goşmaga gönükdirilendir.**

# MILLI SEÝILGÄHLERIŇ WE SAWANNALARYŇ ÝURDY

**«Uly bäşlik» diýlip atlandyrylýan ýolbars, gaplaň, ýabany öküz, kerk we pil ýaly jandarlaryň ýaşaýan mesgeni bolan Afrika yklymy gurak sebitdigine garamazdan, ýabany tebigaty bilen görenleri haýran galdyrýar. 54 ýurdy öz içine alýan we dünýäniň iň ýaş ilatly yklymy bolan Afrikada pingwinlere hem duş gelmek bolýar.**

emele getirip, günbatar böleginde gurak howasy bolan Çalbi hem-de Niri çölleri ýerleşýär. Keniýanyň iň belent nokady üsti buz we gar bilen örtülen Keniýa dagy bolup, beýikligi 5 müň 199 metre ýetýär. Keniýanyň üstünden iki sany halkara awtoulag ýoly (Kair-Keýptaun, Lagos-Mombasa şaýollary) we demir ýol geçýär. Ýurtda 15 sany howa menzili bar.

hojalygy we balykçylyk öňdäki orny eýeleýär. Ýurduň esasy bölegi tropik howa guşaklygynda ýerleşip, mart we aprel aýlarynda «uzak ýagyş» möwsümi bolýar. Ýaz paslynda käte suw joşmalary esasynda jülgelerde we sawannalarda kiçiräk köller emele gelýär. Kä ýyllar Keniýada uzak wagtlap gurakçylyk hem bolýar.

öküz, kerk we pil, esasan, «Masai Mara» milli seýilgähinde duş gelýär.

Ýurduň günorta-gündogarynda «Mombasa», «Diani Beach» we «Galu Beach» kenarýaka dynç alyş merkezleri ýerleşýär. Bu dynç alyş merkezleri medeniýetli dynç almaga, deňziň täsin tebigatyny synlamaga mümkinçilik berýär. Täsin başdangeçirme-






Afrika yklymynyň iň ösen ýurtlarynyň biri bolan Keniýa Respublikasy geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmegi, aram howasy, köp milletli ilaty we garly daglary bilen tapawutlanýar. Ýurduň paýtagty we iň uly şäheri Naýrobi bolup, Hindi ummanynyň kenarynda ýerleşýän Mombasa ýurduň esasy port şäheri hasaplanýar. Bulardan başga-da, esasy şäherleriň hatarynda Kisumu we Nakuru hem bar. Keniýa demirgazyk-günbatarda Günorta Sudan, demirgazykda Efiopiýa, gündogarda Somali, günbatarda Uganda, günortada Tanzaniýa bilen serhetleşýär. Keniýa Hindi ummanynyň kenarynda ýerleşýän ýurtlaryň biridir. Ýurduň esasy bölegini jülgeler we sawannalar

580 müň 367 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Keniýanyň 52 milliondan gowrak ilatynyň esasy bölegini hadza halky emele getirýär. Ökde awçylar bolan bu taýpa has irki ýyllarda Keniýanyň obalarynda mesgen tutupdyr. Soňlugy bilen esasy käri çopançylyk bolan beýleki taýpalar hem Keniýa göçüp barypdyrlar. 1963-nji ýylda Garaşsyzlygyny yglan eden Keniýa birnäçe halkara guramalaryň agzasydyr. Keniýanyň iki sany resmi dili bolup, ilatyň esasy bölegi iňlis we suwaýili dillerinde gepleşýär. Ýerli taýpalaryň arasynda bolsa 69 dil ulanylýar. Keniýanyň ykdysadyýetinde çaý, kofe we ter güller ýaly oba hojalyk önümleri, tokaý

Keniýa Afrikanyň syýahatçylyk pudagynda ösen ýurtlarynyň biridir. Bu ýurt ýabany tebigaty, sawannalary we medeni däp-dessurlary bilen jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekýär. «Masai Mara», «Amboseli» we «Tsawo» ýaly milli seýilgähler ýurduň iň meşhur ýerleri hasaplanýar. Keniýa barýan syýahatçylar milli seýilgählere aýlanmak bilen bir hatarda, ulagly safari gezelençlerini gurap, ýolbarslary, pilleri, žiraflary we zebralary ýakyndan synlamaga mümkinçilik gazanýarlar. Ýaz pasly gelende sawannalarda gezip ýören ýabany jandarlar Mara derýasynyň ugry bilen «Masai Mara» milli seýilgähine göçýärler. Ýolbars, gaplaň, ýabany

leri halaýanlar üçin Keniýa dagynda egrembugram dag ýollary we Ngong depeleri bar. Bu ýollara pyýada gezelenç etmek bilen, dag tebigatyny we Keniýanyň täsin gözelliklerini synlap bolýar. Ýurtda milli seýilgähleri we ýabany jandarlary goramak maksady bilen, 2017-nji ýylda bir gezeklik ulanylýan plastik önümler gadagan edildi. Ýurduň milli aşhanasynda Afrika, Hindi we Ýewropa tagamlary öňdeligi eýeleýär. Mekgejöwen unundan bişirilýän ugali, geçi we sygyr etinden közde daglanyp bişirilýän «nyama choma» we palaw ýurduň iň meşhur tagamlary hasaplanýar. Keniýa her ýyl 2 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

# Näme üçin kofeniň ýanynda suw içilýär?!

**Dünýäde myhmansöýerligiň we işewürligiň nyşany hökmünde bir çaşka kofe hödür edilýär. Adamlar kofeniň başynda hal-ahwal soraşyp, iş, geljekki meýilnamalar barada pikir alyşýarlar. Dünýäde kofeniň arabika, robusta, liberika ýaly 120-den gowrak görnüşi bar. Dünýäde iň köp içilýän içgileriň biri bolan kofeniň taýýarlanyş usulyna görä, espresso, amerikano, latte, kapuçino, moki, türk kofesi we süzülen kofe ýaly görnüşleri bar. Adatça, köp ýerde kofeniň ýany bilen bir bulgur suw hem getirilýär. Kofeniň ýanynda suw getirilmegi däp-dessur bilen bagly ýaly görünse-de, aslynda bu beýle däl. Kofeden soň içilýän bir bulgur suwuň ajy içginiň tagamyny almakda we saglyk babatda örän möhüm täsiri bar.**





**Bokurdagy arassalaýar.** Kofeden soň suwuň içilmegi bu içginiň güýçli ajylygyny aýyrýar we onuň hoşboý ysyndan lezzet almaga mümkinçilik berýär.

**Oksalaty bedenden çykarýar.** Kofede köp mukdarda saklanýan oksalat (duz we efir düzümli kislota) böwrekde daşlaryň emele gelmegine sebäp bolýar. Kofeden soň suw içmek bu maddany bedenden çykarmaga ýardam edýär.

**Bedeniň suwuklyk deňagramlylygyny sazlaýar.** Kofeniň köp görnüşinde kofein saklanýar. Kofein sarp edilende beden suwuklyk ýitgisine sezewar bolup bilýär. Kofeden soň derrew suw içmek bedeniň suwuklyk deňagramlylygyny dikeltmäge kömek edýär.

**Iýmit siňdirişi gowulandyrmaga ýardam edýär.** Kofe käbir adamda aşgazan gyjynmasyna sebäp bolup biler. Kofeden soň suw içmek aşgazany rahatlandyrmaga we iýmit siňdirişi gowulandyrmaga ýardam edýär.

**Ýürek saglygyny goraýar.** Ajy kofe (kofeinli) gan basyşyny ýokarlandyryp, ýüregiň çalt urmagyna sebäp bolup bilýär. Suw içmek kofeiniň ýürege ýetirýän täsirini azaltmaga goldaw berýär.

**Dişi goraýar.** Kofeniň yzygiderli içilmegi dişiň syrçasyny saraldyp bilýär. Kofeden soň suw içmek garamtyl-goňur içginiň dişe ýapyşmazlygynyň öňüni alýar we agyz boşlugyny arassalamaga kömek edýär.

Käpleriň kofeden soň suw içmegi dogry hasaplaýandygyna garamazdan, bu barada ylmy maglumatlar ýok. Suwy kofeden öň, kofe içilýän wagtynda ýa-da soň içip bolýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, aç wagtyň kofe içmek maslahat berilmeýär. Kofeni irden ukudan oýananyňdan 60-90 minutdan soň, günortanlyk naharyndan 1-2 sagatdan soň, ýatmazdan 5-6 sagat öň içmek maslahat berilýär. Kofeniň gündelik mukdary adamyň saglyk ýagdaýyna baglylykda 3-4 çaşkadan geçmeli däl diýlip bellenilýär. Lukmanlar çagalara we göwreli aýallara kofeinsiz kofe içmegi maslahat berýärler.

# Tomus paslynyň jana şypaly şerbeti

**Howanyň aşa yssy günlerinde suwsuzlygy gandyrmak üçin suw bilen bir hatarda, miwedir gök önümlerden, şeýle-de, ter gök otlardan taýýarlanan dürli içgiler hem-de şerbetler içilýär. Şolaryň biri hem hoşboý ysy bilen tapawutlanýan reýhan şerbetidir. Reýhan şerbeti öz gözbaşyny XV asyrdan alyp gaýdýar. Osmanlylar döwründe meşhur içimlikleriň birine öwrülen reýhan şerbeti saglyga peýdalydygy bilen tapawutlanýar. A, C witaminini, kalsiý we magniý ýaly minerallary özünde jemleýän reýhan şerbetiniň düzüminde az mukdarda süýüm, belok, uglewodlar we şeker bar. Esasan, ýaz we tomus pasyllarynda içilýän bu şerbet suwsuzlygy gandyrmak bilen bir hatarda, saglyga oňaýly täsir edýär.**



**Iýmit siňdiriş ulgamyny bejerýär.** Reýhandan taýýarlanan şerbet iýmit siňdiriş ulgamyna oňaýly täsir edip, aşgazan kesselleriniň öňüni almaga we bejermäge ýardam edýär. Çişmegiň we ýellenmegiň öňüni alýan bu içimlik mikroblara garşy göreşip, içegeleri zyýanly mikroorganizmlerden goraýar. Iýmit siňdiriş ulgamyndan ejir çekýän adamlara reýhan şerbetini içmek maslahat berilýär.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Reýhan şerbetiniň düzüminde köp mukdarda C witamini saklanýar. C witamini bedende gyzyl gan öýjükleriniň öndürilişine goşant goşmak arkaly immuniteti güýçlendirýär. Şeýle hem erkin radikallara garşy göreşip, bedeni dürli ýokançlardan goraýar.

**Deri üçin peýdaly.** Reýhan şerbetindäki A witamini deri üçin peýdaly bolup, deridäki gyjynmalaryň we öýjükleriň (pigment) zeperlenmeginiň öňüni alýar. Bu içimlikdäki minerallar deriniň garramagynyň öňüni alyp, deride çyglylygyň kadaly derejede saklanmagyna ýardam edýär. Reýhan şerbetinde öýjükleriň sagdyn hem kadaly işlemegini üpjün edýän E witamini hem bar.

**Nerw ulgamyny köşeşdirýär.** Reýhan şerbeti rahatlandyryjy häsiýete eýe bolup, stresden we aladalardan dynmaga ýardam edýär. Bu içimlikdäki linalool we estragol ýaly efir ýaglary nerw ulgamyny köşeşdirip, rahatlyk duýgusyny güýçlendirýär.

**Gandaky şekeri kadalaşdyrýar.** Täze ýygylan reýhandan taýýarlanan şerbet gandaky şekeriň derejesini kadaly ýagdaýda saklamaga ýardam edýär. Mundan başga-da, süýji keseliniň döremek howpuny azaldýar.

**REÝHAN ŞERBETINI NÄDIP TAÝÝARLAMALY?**



Gülgün reňkli, hoşboý ysly bu ösümlikden şerbet taýýarlamak o diýen kyn däl. Munuň üçin bir bogdak reýhan, islege görä şeker, 1 litr suw, ýarym limon, 1 taýajyk dalçyn gerek. Reýhanyň ter ýapraklaryny baldagyndan aýryp, mazaly ýuwmaly. Soňra 1 litr suwy pitä guýup, oduň üstüne goýmaly we gaýnaýança garaşmaly. Gaýnap duran suwa reýhanyň ýapraklaryny atmaly we bulamaly. Tagamly bolmagy üçin dalçyn goşup, gapagyny ýapyp, 20 minut töweregi goýmaly. Ýapraklar aşak çökenden soň, şerbeti süzgüçden geçirip, islege görä şeker goşup we limonyň şiresini sykmaly. Şekeri ereýänçä mazaly garyp, sowaýança garaşmaly. Taýýar bolan reýhan şerbetini biraz sowadyp içseň, has-da lezzetli bolýar.

# Gapyny gulpladymmy?!

**Durmuşda köpleriň her gün diýen ýaly gabat gelýän howsalaly ýagdaýlarynyň biri-de «Gapyny gulpladymmy ýa-da gulplamadymmy?» soragydyr. Bilermenleriň pikiriçe, bu şübheli duýgy adaty ýagdaý bilen bagly däl. Eýsem, näme üçin bu sorag bizi has köp pikirlenmäge we şübhe döretmäge mejbur edýär?!**




Gapyny gulpladyňyz, açary jübiňize ýa-da torbaňyza saldyňyz we lifte girdiňiz. Hemme zat gowy ýalydy, ýöne birdenkä ýene-de şol sorag aňyňyzda gaýtalandy: «Men hakykatdan hem, gapyny gulpladymmy?!». Gapyny gulplandygyňyzy ýadyňyzda saklasaňyz-da, şol bir tanyş howsala içimize düşenden soň, yzyňa öwrülip, gapyny gaýtadan barlamazlyk mümkin däl. Köplenç özümizi günäkärleýän ýa-da ýadyň gowşaklygy bilen baglanyşdyrylýan bu ýagdaý, aslynda pikir edişimiz ýaly däl. Psihologlar bizi ýarym ýolda saklaýan bu şübhäniň beýnimiziň gündelik işleri ýerine ýetirip, ýazga alşy bilen baglanyşyklydygyny belleýärler.

Beýni adatdaky hereketleri jikme-jik ýazga almaýar. Gapyny gulplamak, çyralary öçürmek, peji söndürmek ýa-da awtoulagy gulplamak... bularyň ählisi biziň her gün sansyz gezek ýerine ýetirýän adaty hereketlerimizdir. Bilermenleriň pikiriçe, beýni ýaşyň ulaldygyça yzygiderli gaýtalanýan bu hereketleri awtomatik ýagdaýda (pikirlenmezden we ýatda saklamazdan) ýerine ýetirip başlaýar. Ünsüň köp bölegi işe gitmäge, günüň meýilnamalaryna ýa-da telefondaky habarlara gönükdirilendigi sebäpli, bu hereketler beýnide jikme-jik ýazylyp galmaýar. Şol sebäpli islendik adam gapyny hakykatdan hem gulplan bolsa-da, birnäçe minutdan soň ýadyna düşürmän biler.

**Näme üçin yza gaýdyp barlamak isleýäris?!**

Ilkibaşda yzyňa gaýdyp, gapyny gulplandygyňy ýaňadan barlamak logiki çözgüt ýaly görünse-de, wagtyň geçmegi bilen bu ýagdaý ýatkeşligi bolan ynamy peseldip başlaýar. Gapyny gulplandygyňy gaýta-gaýta barlamak soňlugy bilen özüňe bolan ynamy hem gowşadýar. Bilermenler bu ýagdaýyň kesel alamaty bilen bagly däldigini belleýärler.

**Nädip öňüni almaly?!**

Gapyny gulplandygyňy wagtal-wagtal barlamak köp ýaýran hereketleriň biridir. Bu, esasan hem, adamyň stresli, iş we alada bilen has başagaý döwürleri gabat gelýär. Bilermenler şeýle ýagdaýlarda howsala düşmegiň ýerine özüňi köşeşdirmegi, wagtly-wagtynda dynç almagy hem-de uklamak tertibine üns bermegi maslahat berýärler. Eger-de şübheli ýagdaýlar birnäçe aý bäri dowam edýän bolsa, psihologlardan kömek soramak iň gowy usuldyr. Psihologlar tarapyndan bellenen dürli bejergileri almak hem-de köşeşdiriji maşklar bilen meşgullanmak siziň özüňize bolan ynamyňyzy güýçlendirmäge we özüňizi rahat duýmagyňyza ýardam eder.




# ATLANTIK UMMANYŇ GIZLIN JENNETI

Portugaliýanyň Azor arhipelagynyň iň uly adasy bolan San-Migelde ýerleşýän «Lagoa-du-Fogu» (Ot köli) özboluşly tebigy gözelligi bilen ünsi özüne çekýär. Müňlerçe ýyl mundan ozal wulkanyň atylmagy we lawanyň ýaýramagy netijesinde emele gelen krater köl (gazana meňzeş oý ýer) «Atlantik ummanyň gizlin jenneti» hasaplanýar. Daş-töweregi tokaý bilen gurşalan bu köl çüýşe ýaly göm-gök suwy hem-de owadan görnüşi bilen täsin dünýäni emele getirýär. Ýewropanyň iň täsirli wulkan peýzažlarynyň biri bolan Ot köli guşlar üçin goraghana bolup hyzmat edýär. Kanuny esasda goralýan bu kölde göçüp barýan we ýerli deňiz guşlarynyň köp sanlysy ýaşaýar. San-Migel adasynda zäherli ýylanlar, iri süýdemdirijiler we ýyrtyjy jandarlar ýaşamaýar. Bu ýerde ýabany pişikleri, towşany we mör-möjegiň birnäçe görnüşini görmek bolýar. 13,6 gektar meýdany eýeleýän krater kölden biraz uzaklykda, ýagny Atlantik ummanynyň çuň bolmadyk kenarlarynda kitleri we delfinleri ýakyndan synlamak bolýar. Tebigatda pyýada gezelenç etmek we surata düşmek üçin iň gowy ýerleriň biri bolan «Atlantik ummanyň gizlin jenneti» döwlet tarapyndan goralýan, arassa ekoulgama eýe bolan tebigy goraghanalaryň biridir.






# Awtoulagly uzak ýola çykmagyň düzgünleri

**Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde köpler awtoulagly haýsydyr bir tebigy künjeklere ýa-da deňiz kenaryna dynç almaga gidýärler. Awtoulagly uzak ýola gezelenje çykylanda syýahatyň şowly we täsirli tamamlanmagy üçin käbir zatlara üns bermeli.**

- **Ulagy gözden geçirmek.** Ýola çykmazdan ozal ulagy awtoulag ussalarynyň gözegçiliginden geçirmeli. Esasan hem, awtoulagyň sowadyjy ulgamyny, tigirlerini we akkumulýatoryny dolulygyna gözden geçirmeli. Ownuk-uşak ýerlerine çenli bejerdip, zerur bolan ätiýaçlyk şaýlary alyp, soňra ýola çykmaly.
- **Ünsi sowýan zatlary azaltmak.** Uzak ýola çykylanda telefon, aýdym-saz, degişmeli gürrüňler ýaly sürüjiniň ünsüni sowýan zatlary azaltmaly.
- **Ukyňy almak.** Ukusyz ýola gitmek we ulagy dolandyrmak örän howply bolup, dürli ýagdaýlara getirip bilýär. Şol sebäpli sürüji we ýolagçylar uzak ýola gezelenje çykmazdan ozal, doly derejede uklamaga hem-de dynç almaga çalyşmaly.
- **Ýeterlik suw almak.** Ýola çykýan adamyň ýanynda hökmany ýagdaýda suw bolmaly. Suw ýolda ünsüňi jemlemäge, özüňi dürsemäge ýardam edýär. Ýolda gidip barýarkaň suw içmek tolgunmalary azaltmaga, ýitirilýän suwuklygyň öwezini dolmaga mümkinçilik berýär.
- **Sowadyjy ulgamy dogry işletmek.** Uzakly gün awtoulagyň sowadyjy ulgamynyň ýüzüňe, boýnuňa ýa-da aýagyňa bakdyrylyp goýulmagy, myşsa ulgamynyň sowuklamagyna we agyrylaryň döremegine getirip bilýär. Şol sebäpli ulagyň sowadyjy ulgamyny kadaly derejede işledip, özüňe däl-de, ýokary ýa-da gapdal taraplara bakdyrmaly.
- **Äýnek ulanmak.** Uzak wagtlap Günüň ýiti şöhlesiniň täsirinde awtoulagy dolandyrmak gözi ýadadyp ýa-da gamaşdyryp bilýär. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin gözüňe laýyk gelýän we ultramelewşe şöhlesine garşy äýnek ulanmaly.
- **Belli aralykda dynç almak.** Uzak ýola gidip barýan syýahatçylaryň belli bir aralyklarda 5 minutlyk saklanyp, eýläk-beýläk ýöremegi, biraz dynç almagy möhümdir. Çünki uzak wagtlap awtoulagda hereketsiz oturmak gan aýlanyşyna we beden agzalarynyň kadaly işlemegine oňaýsyz täsirini ýetirýär.
- **Derman gutusyny ýatdan çykarmazlyk.** Uzak ýola çykylanda ýürek bulanma, başaýlanma ýaly alamatlar ýüze çykyp bilýär. Şol sebäpli ilkinji kömegi bermek üçin derman gutusyny ýanyň bilen almagy ýatdan çykarmaly däl.

# GANATY BOLSA-DA, UÇUP BILMEÝÄR

Dünýäde totularyň 400-den gowrak görnüşi bar. Adama iň ýakyn guşlaryň biri bolan totular täsin daşky görnüşi we geplemäge ukyplylygy bilen kopleriň söýgüsini gazanýar. Totularyň iň kiçi görnüşi buff ýüzli pigme (Micropsitta pusio) bolup, uzynlygy bary-ýogy 8-9 santimetre, agramy 10-12 grama ýetýär. Gepleýän guşlaryň iň ulusy bolsa uzynlygy 1 metre çenli ýetýän sümbül makau (Anodorhynchus hyacinthinus) hasaplanýar. Totularyň täsin görnüşleriniň hatarynda agramy we uly göwresi bilen tapawutlanýan kakapo hem bar.





Kakapo Täze Zelandiýada ýaşaýan endemik guş bolup, maori dilinden terjime edilende «gijeki toty» diýmegi aňladýar. Totynyň ýeke-täk uçup bilmeýän görnüşi bolan kakaponyň agramy 4 kilograma, göwresiniň uzynlygy 58-65 santimetre çenli ýetýär. Baýguşa meňzeş ýaşylymtyl-sargylt ýelekli bu guş gijeki jandar hasaplanýar. Kakapolar gündizine uzyn agaçlaryň şahalarynda dynç alyp, garaňky düşenden soň iýmitlenmek üçin aşak düşýärler. Kiçijik ganaty bolsa-da, uçup bilmeýän bu guşlar Täze Zelandiýadaky ýyrtyjy jandarlaryň az bolan adalarynda ýaşaýarlar. Uçup bilmeýändigine garamazdan, kakapolar ökde dyrmaşyjylar hasaplanýar. Bu guşlar beýik agaçlara çaltlyk bilen çykyp, deňagramly hereket etmek bilen aşak böküp bilýärler. Ganatyny diňe «paraşýut» hökmünde ulanýan baýguşa meňzeş totular gülüň ysyna meňzeş ýakymly ys bölüp çykarýarlar. Kakapo howply ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolanda ylgamagyň ýa-da uçmagyň ýerine gymyldamazdan doňup galýar. Bu guşuň ýanyna gelen ýyrtyjy bolsa, guşy ysgap, gülmükä öýdüp, deňinden geçip gidýär. Täsin goranyş emelini ulanýan äpet totular 5 kilometr uzaklykdan biri-biri bilen habarlaşyp bilýärler.

Kakaponyň bedeniniň ýokarky böleginde we guýrugynda garamtyl ýa-da goňrumtyl tüýleri bolýar. Bu tüýler guşuň sarymtyl-ýaşyl ýelekleri bilen sazlaşyp, tokaýyň içinde gizlenmegine ýardam edýär. Äpet totynyň ýüzi baýguşa meňzeş bolup, egrelip duran uly çüňki bar. Barmagy edil totularyňky ýaly, ikisi öň, ikisi hem yz tarapynda bolýar. Murt ýaly hüžžerip duran tüýi bolan bu guşlar hemişe başyny aşak salyp ýöreýärler. Ýaprak, miwedir däneli ösümlikler bilen iýmitlenýän kakapolar sagatda 8 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.

Kakapolar 60-90 ýyla çenli ýaşaýarlar. Uzak ýaşaýandygyna garamazdan, bu guşlar örän haýal köpelýärler. Ylmy ady «Strigops habroptilus» bolan baýguş totulary irki ýyllarda maoriler tarapyndan köp awlanypdyr. Şeýle hem öýde eldeki görnüşde saklanyp, etinden we tüýünden peýdalanylypdyr. Geçmişde kakapolar Täze Zelandiýada iň köp ýaýran guşlaryň biri bolupdyr. Ýöne 1840-njy ýyllardan başlap ekerançylyk ýerleriniň köpelmegi we adamlaryň adalara göçüp gelmegi bilen, baýguş totusynyň sany azalyp ugraýar. XIX asyrda tutuş dünýäde uly gyzyklanma döreden bu guşlaryň aglaba bölegi tutulyp, haýwanat baglaryna, muzeýlere we kolleksiýaçylara ugradylýar. Kakapolar Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan sany azalyp barýan guşlaryň hatarynda görkezildi. Häzirki wagtda uçup bilmeýän totularyň umumy sany 150 töweregi diýlip çaklanylýar.

# ÇERIMOÝÝA – DOŇDURMA MIWESI

Günorta Amerikada ösdürilip ýetişdirilýän täsin miweleriň biri çerimoýýa hasaplanýar. Daşynda teňňe ýaly gatlaklary bolan ýaşyl miwe süýtli doňdurma meňzeş tagamy bilen tapawutlanýar. Çerimoýýa terligine däl-de, sowadyjyda 3-4 gün saklanandan soň, edil doňdurma ýaly çemçeläp iýilýär. Şol sebäpli bu miwä «doňdurma miwesi» hem diýilýär. Bananyň, ananasyň we marakuýýanyň bilelikdäki tagamyna meňzeýän çerimoýýa iň süýji miweleriň biri hasaplanýar.





Ylmy ady «Annona cherimola» bolan bu miwe boýy 5-9 metre çenli ýetýän, hemişe ýaşyl öwsüp oturan agaçda bitýär. Gaýmakly alma maşgalasy hökmünde tanalýan «Annonaceae» maşgalasyna degişli çerimoýýa agajy And daglarynyň 1 müň 800 – 2 müň metr belentliklerinde ösýär. Tropik we subtropik şertlerde ösýän bu agaç bezeg hökmünde hem ekilýär. Çerimoýýa agajy 30 ýyla çenli ýaşaýar.

«Sowuk tohumlar» diýen manyny aňladýan çerimoýýa miwesini belli amerikan ýazyjysy Mark Twen «Adamzada mälim bolan iň tagamly miwe» diýip atlandyrýar. Doňdurma miwesiniň uzynlygy 10-20 santimetre, diametri 5-10 santimetre ýetýär. Agramy 250 gramdan 1 kilogram aralygynda bolýan äpet miwäniň çigidi zäherli hasaplanýar. Şol sebäpli şeker almasy 1-2 santimetre ýetýän garamtyl-goňur çigitleri doly aýrylandan soň iýilýär. Miwäniň aşa bişenini (eräp başlan miwe) iýmek maslahat berilmeýär. Adam saglygy üçin örän peýdaly bolan bu miwe güýz aýlarynda ýetişýär. Howanyň salkyn wagty iýilýän ýürege meňzeş bu miwe her ýurtda dürlüçe atlandyrylýar. Mysal üçin, Peru, Ispaniýa, Çili ýaly ýurtlarda bu miwä çerimoýýa diýilýän bolsa, Braziliýada grawiola, Meksikada puh, Salwadorda annona, Gündogar ýurtlarda gaýmakly alma, şeker almasy ýaly atlar bilen tanalýar. Çerimoýýa doňdurylyp iýilmek bilen bir hatarda, desertlere goşulýar, gaýmakly miweden doňdurma, süýji içgiler we kokteýller taýýarlanylýar.

## Gyzykly maglumatlar

■ **Totularyň ähli görnüşi iýmitini aýagy bilen tutup iýip bilýändigi bilen beýleki guşlardan tapawutlanýar. Täsin ýeri totular hem edil adamlar ýaly saglakaý we çepbekeý bolup bilýärler.**



■ **Göwresi kiçi görnüşli totular 15-20 ýyl, orta ululykdakylar 25-30 ýyl we uly totular 60-80 ýyl ýaşaýar. Olaryň arasynda 100 ýyla çenli ýaşaýanlarynyň hem bardygy çaklanylýar.**

■ **Günorta Amerikada ýaşaýan sümbül makau (Hyacinth macaw) atly guş dünýäniň iň uly uçup bilýän totusy hasaplanýar. Goýy gök reňkli we gözüniň töweregi sarymtyl bu guşuň ganatyny açanyndaky ululygy 130 santimetre ýetýär.**

■ **Tebigatda süri bolup ýaşaýan totular beýleki totularyň ýa-da ýyrtyjy haýwanlaryň sesine öýkünýärler. Mysal üçin, kiçiräk guş uly totyguşuňky ýaly ses çykarýar. Ýabany haýwanlaryň sesini çykarmak arkaly bolsa, duşmanlaryndan goranýarlar.**

■ **Öýde saklanýan totular gapynyň jaňynyň ýa-da fotoenjamyň sesine hem öýkünip bilýärler.**

■ **«Puck» atly toty 1 müň 728 sözi gaýtalap, Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi.**

10 tapawudy tapyň!





Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



Gyzykly pursat








34-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Oglan ady. **2.** Gymmatbahaly daşlaryň we metallaryň standart ölçegi. **3.** Oglan ady. **4.** Organik birleşme görnüşindäki biohimiki element. **5.** Uzak aralygy ölçemek üçin enjam. **6.** Laboratoriýada ulanylýan aýna gap. **7.** Eliň tirsek bilen goşar aralygy. **8.** Bir zada bolan isleg, arzuw. **9.** Anbar. **14.** Ýük ulagy. **15.** Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **17.** «Çaga-da ... diýip aglar, uly-da» (nakyl). **18.** Gadymy ýazuw kagyzy. **19.** Geçmiş hakynda halk arasynda ýaýran, nesilden-nesle, dilden-dile geçen gürrüň. **20.** Aýdym-saz adalgasy. **25.** Braziliýanyň bir şäheri ...-de-Žaneýro. **27.** Medinedäki arap taýpalarynyň biri Banu ... **28.** Turpuň bir görnüşi. **29.** Türkiýäniň ilkinji prezidenti. **30.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **33.** Joşgun, hyjuw. **34.** Balygyň bir görnüşi. **35.** Eralaryň biri. **36.** Edep-ekram. **37.** Gumda bitýän, çalymtyl reňkli, ownuk pürli sazak. **39.** Ýagşy, oňat. **40.** Kert, gaýa.

● **KESELIGINE:** **1.** Arabika kofesiniň bir görnüşi. **7.** Çalt, basym. **10.** Rus arheology Wiktor ... **11.** Gara öýüň daýanç merkezi. **12.** Çörek önümi. **13.** Bürünç asyryna degişli şäher. **14.** Organik birleşme. **16.** ...-kär. **19.** Aýdym-saz adalgasynyň bölümi. **21.** Ýeňil atletika düzgüni. **22.** Okuw dersi. **23.** Çekirtge görnüşli mör-möjek. **24.** Ylmy edebi we ş.m. eserleriň ählisiniň jemi. **26.** At saklanylýan jaý. **29.** Mehanizmleşdirilen ýaý. **31.** Kanadanyň iň uly şäheri. **32.** Rysgal (köne söz). **35.** Daşary ýurt adam ady. **38.** Agyz boşlugyny arassalaýjy enjam. **41.** «Jeň eýleme ... bilen» (Mätäji). **42.** Lebap welaýatynda bir etrap. **43.** Afrikanyň ada ýurdy. **44.** Tansyň bir görnüşi. **45.** Gök ýa-da ýaşyl reňkli gymmatbaha daş.









Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# ÝARYM FINALYŇ DUŞUŞYKLARY

### DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ TARYHYNDA ILKINJI GEZEK

● Futbol boýunça Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek FIFA-nyň reýtinginde ilkinji dörtlükde barýan toparlar ýarym finalda oýnady. Häzirki wagtda soňky gezek 11-nji iýunda yglan edilen FIFA-niň reýtinginde Argentina 1-nji, Ispaniýa 2-nji, Fransiýa 3-nji, Angliýa 4-nji orunda barýar.

Şol bir wagtyň özünde 1970-nji we 1990-njy ýyllardan soň, 3-nji gezek ýarym finala 4 sany çempion topar çykdy. Ýagny Argentinanyň 3, Fransiýanyň 2 hem-de Angliýadyr Ispaniýanyň 1 çempionlygy bar. Argentina 1978-nji, 1986-njy, 2022-nji ýyllarda, Fransiýa 1998-nji, 2018-nji ýyllarda, Angliýa 1966-njy, Ispaniýa 2010-njy ýylda çempionlyk gazanypdy. Argentina 1930-njy, 1990-njy 2014-nji ýyllarda, Fransiýa bolsa 2006-njy hem-de 2022-nji ýylda finalda utulypdy.

### ISPANLAR 16 ÝYLDAN SOŇ FINALDA

● Dallasdaky «AT&T Stadium»-da oýnalan Fransiýa — Ispaniýa ýarym final duşuşygynda matadorlar 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň agramly böleginde jylawy elinde saklan ispanlara ýeňiş getiren gollary 22-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Mikel Oýarzabal bilen 58-nji minutda Pedro Porro geçirdi. Oýarzabalyň şu çempionatda geçiren gollarynyň sany 5-e ýetip, ol Dawid Wilýa hem-de Emiliano Butragenýonyň rekordyny gaýtalady (1 çempionatda iň köp gol geçiren ispan futbolçysy). Porro bolsa şu çempionatdaky hem-de milli ýygyndydaky 2-nji goluny derwezä girizdi.



Şunlukda, 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan Ispaniýanyň ýygyndysy 2010-njy ýyldan soň, taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogynda finala çykmagy başardy.

### Italiýanyň rekordyny gaýtalady

● Şol bir wagtyň özünde Ispaniýanyň ýygyndysynyň ýeňilmezeklik seriýasy 37 oýna ýetdi we matadorlar bu ugurda Italiýanyň rekordyny gaýtalady. Italýanlar 2018-nji ýylyň oktýabryndan 2021-nji ýylyň oktýabryna çenli 37 oýunda ýeňilmändiler. Olaryň ýeňlişsiz ýörişini ispanlar soňlandyrypdy. Ispaniýanyň ýygyndy-



sy soňky gezek 2024-nji ýylyň martynda Kolumbiýadan 1-0 hasabynda asgyn gelip, şondan bäri ýeňilmän gelýär. Olar şol döwürde Ýewropanyň çempiony, UEFA Milletler Ligasynyň ýeňijisi bolmagy başardy. Ispaniýa 37 oýnuň 9-synda deňme-deň oýnady.

Mundan öňki 2 resmi oýnunda Fransiýany ýeňen ispanlar garşydaşyny bassyr 3-nji gezek hem ýeňmegiň hötdesinden geldi. Bu duşuşyk Dünýä Kubogynyň çäginde 2 toparyň arasyndaky 2-nji duşuşyk bolup, 20 ýyl ozal 1/8 finalda Fransiýa 3-1 hasabynda ýeňipdi.

Garaşylyşyndan juda pes oýun görkezen Fransiýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi Didie Deşam Dünýä Kubogynda iň köp duşuşyk geçiren tälimçi boldy (26 oýun). Toparyň ýyldyzy Kilian Mbappe Dünýä Kubogynda 21-nji duşuşygyny oýnap, ol watandaşy Hugo Llorisiň rekordyny gaýtalady.

Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 3-nji gezek finala çykan 3-nji topar bolmak mümkinçiligini elden giderdi. Bu ugurda Germaniýa (1982, 1986, 1990) bilen Braziliýanyň (1994, 1998, 2002) ýygyndylary yzly-yzyna 3 gezek finala çykypdylar.

### MESSI ARGENTINANY KEMBEK BILEN FINALA ÇYKARDY

● Atlantadaky «Mercedes-Benz Stadium»-da oýnalan ýarym finalda Argentinanyň ýygyndysy Angliýanyň ýygyndysyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşyk çekeleşikli hem-de dartgynly ýagdaýda geçdi. Oýnuň 1-nji ýarymynda hasaby açmak toparlara başartmady. Ýöne 2-nji ýaryma iňlisler gol bilen başlady. 55-nji minutda Morgan Rojersiň owadan pasynda topy Antoni Gordon derwezä girizip, hasaby açdy. Bu gol mundan öňki tapgyrlardaky ýaly, argentinleri özüne getirdi. Super ýyldyz Lionel Messi ýene bir ýola özüniň ägirtdigini subut etdi. 85-nji minutda jerime meýdançanyň daşynda duran Enzo Fernandese asist edip, hasabyň deňlenmegine uly goşant goşdy. Bu goluň öňüsyrasy Enzo Fernandesiň urgusyny Pikford saklapdy. Ýöne 2-nji gezekde urgy juda batly bolup, ony sowmak başartmady. Duşuşygyň ahyryna amerikaly emin Ismail Elfath 9 minut goşdy. Oýna 81-nji minutda giren Lautara Martinese Lionel Messi topy derwezä salaýmaly edip berdi. Ol hem päsgelçiliksiz kelle urgusy bilen topy tora gönükdirip, argentinleri öňe geçirdi. Galan minutlarda-da iňlislere ibaly hüjüm gurnap, hasaby deňlemek başartmady. Şeýlelikde, Tuheliň oýnuň soňky 20–25 minutyny goragda geçirmek taktikasy oňyn netije bermedi we Angliýanyň ýygyndysy 2–1 hasabynda asgyn geldi.



Duşuşykda 2 asist eden Lionel Messiniň Dünýä Kubogyndaky asistleriniň sany 12-ä ýetdi. Şol bir wagtyň özünde Argentinanyň ýygyndysy 7-nji gezek hem ýarym finalda ýeňilmedi. Başgaça aýdylanda, 7-nji gezek finala çykmagy başardy. Messi 15-nji gezek oýnuň ýyldyzy saýlanyp, öz rekordyny hasam ösdürdi.

Argentinanyň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek finala çykyp, tangoçylar bu statistikany 2-nji sapar gaýtaladylar.

### Bu gezegem bolmady

● Çempionlyk arzuwy bilen Demirgazyk Amerika gelen Angliýanyň ýygyndysy 60 ýyldan soň 2-nji finalyna çykmak mümkinçiligini elden giderip, 3-nji gezek bürünç medal duşuşygyna çykar. 3-nji ýer üçin oýunlaryň ikisinde-de utulan iňlisleriň çempionlyk arzuwy indiki çempionata galdy. Angliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Tomas Tuhel bolsa daşary ýurtly hünärmen hökmünde Dünýä Kubogynyň finalyna gatnaşjak 3-nji legioner tälimçi bolmak mümkinçiligini elden giderdi.



### FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/2 FINAL

**FRANSIÝA — ISPANIÝA: 0–2**

**FRANSIÝA (4–2–3–1):** Menýan — Kunde, Upamekano, Saliba (Lakrua 30), Luka Din (Teo Hernandes 72) — Tçuameni, Adrien Rabio (Manu Kone 46) — Usman Dembele, Maýkl Olise (Raýan Şerki 72), Bredli Barkola (Desire Due 57) — Kilian Mbappe (k); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**ISPANIÝA (4–3–3):** Unaý Simon — Pedro Porro (Markos Llorente 83), Pau Kubarsi, Emerik Laport, Mark Kukurelýa — Rodri (k), Dani Olmo (Mikel Merino 77), Fabian Ruiz (Pedri 77) — Lamin Ýamal, Mikel Oýarzabal (Ferran Torres 74), Aleks Baena (Niko Williams 83); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente

**GOL:** Mikel Oýarzabal 22 (p), Pedro Porro 58
**SARY KART:** Rabio, Mbappe – Kukurelýa
**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)
**TOMAŞAÇY:** 70 176
**EMIN:** Iwan Barton (Salwador)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Pedro Porro (Ispaniýa)

### FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/2 FINAL

**ANGLIÝA – ARGENTINA: 1–2**

**ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Ris Jeýms (Niko O’Raýli 82), Jon Stounz (Reşford 90+6), Mark Gehi, Džed Spens (Iwan Touni 90+6) — Deklan Raýs (Dan Börn 82), Elliot Anderson — Morgan Rojers, Jud Bellingam, Antoni Gordon (Ezri Konsa 72) — Harri Keýn (k); ***Tälimçi:*** Tomas Tuhel

**ARGENTINA (4–4–2):** Emiliano Martines — Molina (Montiel 72), Romero, Lisandro Lopes (Otamendi 72), Taliafiko (Lautara Martines 81) — J. Simeone (De Paul 72), Parades (Niko Gonzales 64), Mak Allister, Enzo Fernandes — Lionel Messi (k), Hulian Alwares; ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**GOL:** Antoni Gordon 55 — Enzo Fernandes 85, Lautara Martines 90+2
**SARY KART:** Anderson — Romero, Lisandro Martines
**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atlanta)
**TOMAŞAÇY:** 68 239
**EMIN:** Ismail Elfath (ABŞ)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)

# ÇÄRÝEK FINALYŇ DUŞUŞYKLARY









Fransiýanyň ýygyndysy Bostondaky «Gillette Stadium»-da Marokkonyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Duşuşygyň depgini, esasan hem, 1-nji ýarymda o diýen ýokary bolmady. Oýnuň 21-nji minutynda duşuşygyň argentinaly emini Fakundo Telýonyň bellän 11 metrlik jerime urgusyny Kilian Mbappe dürs urup bilmedi. Has takygy, marokkoly derwezeçi Ýassin Bunu topy saklamagy başardy. Bu onuň umumylykda Dünýä Kubogynda saklan 4-nji 11 metrlik jerime urgusy boldy. Bu rekord görkezijä deňdir. Ýassin Bununyň garşysyna jemi 9 gezek 11 metrlik jerime urgusy ýerine ýetirilip, marokkoly derwezeçi şolaryň 4-sini saklady, 2-sini geçirtdi (3 urgy bolsa daşyna gitdi).

Duşuşygyň 1-nji ýarymy golsuz tamamlanyp, 2-nji ýaryma fransuzlar has işjeň girişdi. Oýnuň 60-njy minutynda Kilian Mbappe owadan urgy bilen şu çempionatdaky 8-nji, umumylykda-da Dünýä Kubogyndaky 20-nji duşuşygynda 20-nji goluny geçirdi. 6 minutdan soň Mbappeniň asist etmeginde Usman Dembele hem tapawutlandy. Galan minutlarda-da fransuzlar 2–3 sany howply pursatlary döretselerem, hasap üýtgemedi. Netijede, Fransiýanyň ýygyndysy Afrika yklymynyň ýeke-täk wekili Marokkony bu gezek çärýek finalda ýeňlişe sezewar etdi. Geçen çempionatda Marokko şu hasap bilen Fransiýadan ýarym finalda ýeňlipdi.

### Deşam taryhy rekordy gaýtalady

● Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 3-nji, umumylykda-da 8-nji gezek ýarym finala çykdy. Olar bu ugurda 3-nji ýerdäki italýanlar bilen deňleşdiler. Fransiýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Didie Deşam Dünýä Kubogyndaky 25-nji duşuşygy geçirip, ol bu ugurda germaniýaly Helmut Şönüň rekordyna şärik boldy. Dünýä Kubogyndaky 20-nji ýeňşini gazanan Didie Deşam öz rekordyny ösdürmegi hem başardy.

### ÝENE-DE MERINO ISPANLARA ÝEŇIŞ GETIRDI

● Dünýä Kubogynda 2-nji ýarym finalçy, ozaldanam garaşylyşy ýaly, Ispaniýanyň ýygyndysy boldy. Los Anjelesdäki «SoFi Stadium»-da oýnalan ýarym finalda Ispaniýanyň ýygyndysy Belgiýanyň milli toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda ilki bilen ispanlar öňe saýlandy. Ispanlary öňe çykaran goly duşuşygyň 30-njy minutynda Fabian Ruiz geçirdi. Belgiýanyň ýygyndysy bu gola 1-nji ýarym tamamlanmanka jogap bermegi başardy. Oýnuň 41-nji minutynda Şarl de Ketelare kelle urgusy bilen hasaby deňledi. Bu ispanlaryň şu çempionatda geçirden ilkinji goly bolup, Unaý Simon 650 minutlap derwezesini topdan gorap gelýärdi.

Oýnuň 2-nji ýarymy ispanlaryň azda-kände artykmaçlygynda geçse-de, belgiýalylar wagtal-wagtal howply hüjümler bilen jogap berdi. Duşuşygyň 86-njy minutynda ispaniýaly tälimçi Luis de la Fuente ýarymgoragçy Mikel Merinony oýna girizdi. Mundan öňki tapgyrda bolşy ýaly, Merino özi üçin galanja minutlar az hem bolsa, ynamy ödemegi başardy. Ol oýna gireninden bary-ýogy 2 minut soň Kubarsiniň batly urup, derwezeçiden gaýdan topuny tora girizdi. Mikel Merino Dünýä Kubogynyň çäginde pleý-off oýunlarynda yzly-yzyna 2 oýunda meýdança girip, gol geçiren ilkinji futbolçy bolmagy başardy. Galan minutlarda-da Belgiýanyň ýygyndysyna hasaby deňlemek başartmady. Şunlukda, 2-1 hasabynda ýeňiş gazanan Ispaniýanyň ýygyndysy 16 ýyldan soň, taryhynda 3-nji gezek ýarym finala adyny ýazdyrdy.

### ANGLIÝA 4-nji GEZEK ÝARYM FINALDA

● Maýami Gardens şäherindäki «Hard Rock Stadium»-da oýnalan Norwegiýa bilen Angliýanyň arasyndaky çärýek finalyň 3-nji duşuşygy çekeleşikli geçdi. Duşuşygyň 36-njy minutynda Andreas Şelderup owadan gol bilen hasaby açyp, norwegleri öňe saýlady. Iňlisler bu gola 11 minutdan soň jogap berdi. 45+2-nji minutda Jud Bellingam hasaby deňledi. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda hasap üýtgemedi.

Goşmaça berlen 30 minutyň başlarynda, ýagny 93-nji minutda ýene-de Jud Bellingam tapawutlanyp, Angliýany öňe çykardy. Galan minutlarda-da skandinawlara hasaby deňlemek başartmady. 2–1 hasabynda üstün çykan Angliýanyň ýygyndysy 1950-nji, 1990-njy we 2018-nji ýyllardan soň, 4-nji gezek ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy.

### ARGENTINLERE BU GEZEK HEM ÝEŇIL DÜŞMEDI

● 74 ýyldan soň çärýek finala çykan Şweýsariýanyň ýygyndysy bilen Kansas Sitide duşuşan Argentinanyň milli toparyna mundan öňki 2 tapgyrda bolşy ýaly, ýeňiş gazanmak ýeňil düşmedi. Soňky çempion 10-njy minutda Aleksis Mak Allisteriň goly esasynda öňe saýlandy. Bu goluň pasyny Lionel Messi berip, onuň Dünýä Kubogyndaky asistleriniň sany 10-a ýetdi. Ol bu görkezijä ýeten ilkinji futbolçy boldy.

Duşuşygyň 67-nji minutynda Şweýsariýadan Dan Ndoýe hasaby deňledi. Ýöne 72-nji minutda Bril Embolo VAR-yň görkezmesi bilen 2-nji sary kartyny alyp, meýdançadan çykaryldy. Muňa garamazdan, duşuşygyň esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

Goşmaça 30 minutyň ilkinji 15 minutynda-da hasap üýtgemedi. 112-nji minutda Hulien Alwares owadan urgy bilen şu çempionatdaky ilkinji goluny geçirdi. 120+1-nji minutda Lautara Martines oýna soňky nokady goýdy. Şeýlelikde, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan Argentinanyň ýygyndysy soňky 4 çempionatda 3-nji, umumylykda 7-nji gezek ýarym finala çykdy. Argentinanyň ýygyndysy bassyr 12 duşuşykda 2 we 2-den köp gol geçirip, bu ugurda Urugwaýyň 1930–54-nji ýyllardaky rekordyny täzeledi.

### FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/4 FINAL

**FRANSIÝA — MAROKKO: 2–0**

**FRANSIÝA (4–2–3–1):** Menýan — Žul Kunde (Malo Gusto 87), Upamekano, William Saliba, Luka Din — Adrien Rabio, Manu Kone (Zair-Emeri 71) — Usman Dembele, Maýkl Olise, Desire Due (Bredli Barkola 77) — Kilian Mbappe (Žan-Filip Mateta 70); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**MAROKKO (4–2–3–1):** Ýassin Bunu — Hakimi (k), Issa Diop, Mazraui, Salah-Eddin (El Uahdi 74) — Buaddi (S. Amrabat 62), El Aýnaui — Brahim Diaz (Gessim Ýassin 74), Azzedin Unahi, Çemsdin Talbi (Amine Sbai 85) — El Hannus (S. Rahimi 62); ***Tälimçi:*** Mohamed Uahbi

**GOL:** Kilian Mbappe 60, Usman Dembele 66
**SARY KART:** Issa Diop (Marokko)
**STADION:** Gillette Stadium (Boston)
**TOMAŞAÇY:** 63 811
**EMIN:** Fakundo Telýo (Argentina)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kilian Mbappe (Fransiýa)

### FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/4 FINAL

**ISPANIÝA — BELGIÝA: 2–1**

**ISPANIÝA (4–2–3–1):** Unaý Simon — Pedro Porro, Pau Kubarsi, Emerik Laport, Mark Kukurelýa — Rodri (k), Fabian Ruiz (Pedri 55) — Lamin Ýamal, Dani Olmo (Mikel Merino 86), Aleks Baena (Ferran Torres 55) — Mikel Oýarzabal (Niko Williams 79); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuenta

**BELGIÝA (4–2–3–1):** Tibo Kurtua (Lammens 71) — Kastanýe, Natan Ngoý, Mehele, De Kuýper (Hoakim Seýs 60) — Wanaken (Aksel Witsel 60), Raskin — Trossard (Romelu Lukaku 60), Kewin De Bruýne (k) (Salekmakers 86), Žeremi Doku — Şarl de Ketelare; ***Tälimçi:*** Rudi Garsiýa

**GOL:** Fabian Ruiz 30, Mikel Merino 88 — Şarl de Ketelare 41
**SARY KART:** Kubarsi, Laport – De Bruýne, Witsel
**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)
**TOMAŞAÇY:** 70 492
**EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lamin Ýamal (Ispaniýa)

### FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/4 FINAL

**NORWEGIÝA — ANGLIÝA: 1–2 (g.w.)**

**NORWEGIÝA (4–3–3):** Nýulann — Rýerson (Ersnes 60), Aýer, Heggem (Estigor 91), Möller Wolfe (Pedersen 90) — Berge, Martin Edegor (k), Berg — Sörlot (Oskar Bobb 67), Erling Holann (Strand Larsen 106), Andreas Şelderup Antonio Nusa 67); ***Tälimçi:*** Stal Solbakken

**ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Konsa (Rojers 89), Mark Gei, Jon Stounz, Niko O’Raýli (Džed Spens 86) — Deklan Raýs (Saka 46), Elliot Henderson — Madueke (Ebereçi Eze 46), Jud Bellingam (Dan Börn 111), Antoni Gordon (Ris Jeýsm 71) — Harri Keýn (k); ***Tälimçi:*** Tomas Tuhel

**GOL:** Andreas Şelderup 36 — Jud Bellingam 45+2, 93
**SARY KART:** Kristoffer Aýer (Norwegiýa)
**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami)
**TOMAŞAÇY:** 64 478
**EMIN:** Kleman Turpen (Fransiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jud Bellingam (Angliýa)

### FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/4 FINAL

**ARGENTINA — ŞWEÝSARIÝA: 3–1 (g.w.)**

**ARGENTINA (4–1–3–2):** E. Martines — Molina (Montiel 85), Romero (Otamendi 106), Lis. Martines, Taliafiko (N. Gonzales 78) — Parades (Manuel Lopes 110) — De Paul (Lau. Martines 85), Fernandes (Almada 91), Mak Allister — Lionel Messi (k), Alwares; ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**ŞWEÝSARIÝA (4–2–3–1):** Kobel — Zakariýa (Jaşari 96), Elwedi, Akanži, Rodriges (Jömert 90+5) — Froýler (Wargas 115), Džaka (k) — Sow (Widmer 86), Rider (Amduni 86), Ndoýe (Muhaým 86) — Embolo; ***Tälimçi:*** Murat Ýakin

**GOL:** Mak Allister 10, Alwares 112, Lau. Martines 120+1 — Ndoýe 67
**GYZYL KART:** Bril Embolo 71 (Şweýsariýa)
**SARY KART:** Lau. Martines, Almada, Manuel Lopes — Embolo
**STADION:** Arrowhead Stadium (Kansas Siti)
**TOMAŞAÇY:** 69 045
**EMIN:** Žoao Pineiro (Portugaliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Hulian Alwares (Argentina)

# MILLI TOPARLARYŇ TÄZE TÄLIMÇILERI

### Forlan Urugwaýyň tälimçisi boldy

● Dünýä çempionatyny juda şowsuz tamamlan Urugwaýyň milli ýygyndysynda tälimçi çalşyryldy. Tejribeli Marselo Bielso ähli jogapkärçiligi öz üstüne alyp, wezipesini taşlapdy. Ýurduň futbol federasiýasy onuň ornuna Urugwaýyň ozalky meşhur oýunçysy, ýyldyz hüjümçi Diego Forlany tälimçilige belledi. 47 ýaşyndaky hünärmen geljek ýylyň martyna çenli Urugwaýyň milli ýygyndysyna, şol bir wagtyň özünde U20 toparyna hem tälimçilik eder. Şol döwürde üstünlikli netijeler gazanylsa, tälimçiniň şertnamasynyň möhleti uzaldylar. Forlan ýurdunyň «Penýarol» hem-de «Atenas» toparlaryna-da tälimçilik edipdi.



Forlan futbolçy hökmünde «Independiente», «Mançester Ýunaýted», «Wilýarreal», «Atletiko», «Inter», «Internasional», «Serezo Osaka», «Penýarol», «Mumbai Siti», «Kitçi» ýaly klublarda oýnap, milli toparda 112 oýunda 36 gol geçirdi.

### 14 ýyldan soň milli toparyň tälimçiligine gaýdyp geldi

● Mundan öňki 2 çempionatda 2-3-nji orunlary eýeläp, bu gezek 1/16 finalda utulan Horwatiýanyň ýygyndysynda tälimçi çalyşdy. 2017-nji ýyldan bäri topary türgenleşdirip gelýän Zlatko Daliç wezipesini taşlady. Horwatlara kümüş hem-de bürünç medal gazandyran tejribeli hünärmen 111 oýunda 62 ýeňiş gazandy. Milli ýygyndy onuň tälimçiliginde 29 oýunda utulyp, 20 duşuşykda-da deňme-deň oýnady.



Daliçiň ornuna Slawen Biliç bellenip, ol 14 ýyldan soň milli toparyň tälimçiligine dolandy. 57 ýaşyndaky hünärmen bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Ol Horwatiýanyň ýygyndysyny 2006–2012-nji ýyllar aralygynda-da türgenleşdiripdi. Ol «Lokomotiw», «Beşiktaş», «West Ham», «Al-Ittihad», «West Bromwiç», «Beižing Guoan», «Watford», «Al-Fateh» ýaly klublara tälimçilik etdi.

### Kömekçisidi, baş tälimçi wezipesine bellendi

● Dünýä Kubogy 2026-nyň ýer eýeleriniň biri bolan Meksikanyň ýygyndysy 1/8 finalda Angliýadan utulyp, ýaryşdan çykypdy. Şondan soň toparyň tälimçisi Hawier Agirre wezipesini taşlapdy. Ýurduň futbol federasiýasy ozalky meşhur futbolçy Rafael Markesi milli toparyň tälimçiligine belledi. 47 ýaşyndaky Markes ozalky tälimçi Agirreniň kömekçisi bolup işleýärdi. Ol tälimçilik karýerasynda «Alkala U15» hem-de «Barselona Atletik» klublaryny türgenleşdiripdi. Markes «Atlas», «Monako», «Barselona», «Nýu Ýork Red Bulls», «Leon», «Werona» klublarynyň köýnekçesini geýipdi.



# «MANCESTER ÝUNAÝTED» 2 ÝARYMGORAGÇYNY TRANSFER ETDI





Angliýanyň «Mançester Ýunaýted» topary 2 ýarymgoragçyny düzümine goşdy. Mankunianlar ilki «Çelsiniň» braziliýaly oýunçysy Andreý Santosy, soňra «Aston Willanyň» belgiýaly oýunçysy Ýuri Tilemansy transfer etdi. Mankunianlar 22 ýaşyndaky ýarymgoragçy üçin londonlylara 48+2, Tilemans üçin bolsa birmingemlilere 35 million funt sterling tölär. Iki oýunçy-da täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyp, Andreý Santos 17-nji, Tilemans 18-nji belgili köýnekçäni geýer. Santos «Wasko da Gama», «N. Forest», «Strasbur», Tilemans bolsa «Anderleht», «Monako», «Lester Siti» klublarynda oýnady.

# Dünýä Kubogynda taryhy final: ISPANIÝA – ARGENTINA




**Tamamlanyp barýan 23-nji Dünýä Kubogynda hemmäniň başdan garaşýan finaly oýnalar. Ýagny Ispaniýa bilen Argentinanyň milli ýygyndylary Dünýä Kubogyny nobatdaky gezek eýelemek üçin göreşerler. Matadorlar taryhynda 16 ýyldan soň 2-nji gezek finala çykan bolsa, tangoçylar bassyr 2-nji, umumylykda-da 7-nji sapar finalda oýnar.**

Iki topar mundan öň jemi 14 gezek gabatlaşdylar. Şolaryň 6-synda Ispaniýa, 6-synda hem Argentina ýeňiş gazandy. 2 oýun deňlikde tamamlandy. Gollarda 19–18 ispanlar öňde barýar. Ispaniýa bilen Argentinanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň çäginde 2-nji gezek duşuşarlar. 1966-njy ýylda toparçada duşuşan 2 toparyň şol oýnunda argentinler 2–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

Dünýä Kubogynyň taryhynda 1930-njy ýyldan soň 2-nji gezek ispan dilinde gürleýän 2 ýurduň ýygyndysy duşuşar. Ýeri gelende bellesek, iki topar şu ýylyň 27-nji martynda FIFA tarapyndan guralýan «Finalissima»-da (Ýewropanyň hem-de Günorta Amerikanyň çempionlarynyň duşuşygy) çäginde Katarda duşuşmalydylar. Ýöne sebitde emele gelen dartgynly ýagdaýlar sebäpli duşuşyk ýatyrylypdy.





Argentina finala çenli 7 oýunda-da ýeňiş gazanmagy başardy we 19 gol geçirip, 7 gol geçirtdi. 1-nji duşuşygyny deňme-deň oýnan Ispaniýa 13 gol geçirip, derwezesine bary-ýogy 1 top goýberdi. Argentinanyň ýygyndysy finala çenli Afrikadan 3, Ýewropadan 3, Aziýadan hem 1 topar bilen duşuşdy. Ispaniýa bolsa utulan-çykdy tapgyrynda diňe ýewropalylar bilen duşuşyp, olaryň ählisini ýeňlişe sezewar etdi. Toparçada bolsa her yklymdan (Aziýa, Afrika, Günorta Amerika) 1 topar bilen duşuşdy.

Duşuşyk Nýu Ýorkuň golaýyndaky 80 müň 663 orunlyk «MetLife Stadium»-da oýnalar. Ähli futbol janköýeriniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan oýny 19-njy iýuldan 20-nji iýula geçilýän gije 00:00-da başlanar (ýekşenbeden duşenbä). Duşuşygyň 1-nji ýarymyndan soň ilkinji gezek 30 minutlyk arakesme bolup, Madonna, Şakira, BTS, Jastin Biber, Kris Martin, Burna Boy, Gustawo Dudamel ýaly aýdymçydyr toparlar çykyş ederler. Duşuşygyň öňüsyrasynda-da sungat äleminiň belli wekilleriniň gatnaşmagynda kiçeňräk çykyş bolar.

**Bürünç medal duşuşygy**

● Ýarym finalyň iki lapykeç topary Fransiýa bilen Angliýanyň ýygyndylary bolsa özleri üçin teselli beriji hasaplanýan bürünç medal duşuşygyna çykarlar. Bu duşuşyk şenbe güni 18-nji iýuldan 19-njy iýula geçilýän gije 02:00-da başlanar. Duşuşyk Maýami Gardensdäki «Hard Rock Stadium»-da oýnalar. Bu duşuşyk olaryň arasyndaky 33-nji oýun bolar. Öňki 32 oýunda Angliýa 17, Fransiýa 10 gezek ýeňiş gazanyp, 5 duşuşyk deňlikde gutardy (gollarda 72–41 iňlisler öňde). Fransiýa bilen Angliýa Dünýä Kubogynyň çäginde 3 gezek duşuşyp, 1966-njy we 1982-nji ýyllarda toparçalarda iňlisler 2–0 hem-de 3–1 hasaplar esasynda ýeňipdi. Geçen çempionatda çärýek finaldaky oýunda Fransiýa 2–1 hasabynda üstün çykypdy.




Fransiýa 1958-nji we 1986-njy ýyllarda bürünç medal gazanyp, 1982-nji ýylda 4-nji orny eýeledi. Angliýa bolsa bürünç medal ugrundaky 2 duşuşykda-da Italiýadyr (1990) Belgiýadan (2018) asgyn geldi.

# 139-njy «WIMBLEDON» TENNIS ÝARYŞY TAMAMLANDY

***Tennis boýunça möwsümiň 3-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Wimbledon»-da erkekleriň arasynda geçen ýylyň ýeňijisi çempionlygyny gorasa, zenanlardan ýene-de täze çempion kubogy asmana göterdi. 139-njy gezek geçirilen dünýäniň iň gadymy tennis ýaryşynda italiýaly Ýannik Sinner bilen Linda Noskowa ýeňiji boldy. Umumy baýrak gaznasy 64 million 200 müň funt sterlinge deň bolan ýaryşda ýeňijileriň hersi 3,6 million funt sterling pul baýragyna laýyk görüldi.***

**ÇEMPIONLYGYNY GORADY**

● Erkekleriň arasyndaky finalda italiýaly Ýannik Sinner bilen germaniýaly Aleksander Zwerew duşuşdy. Ýagny ýaryşyň 1-2-nji derejeli faworitleriniň duşuşygy 3 sagat 46 minutda tamamlanyp, finalyň 1-nji setinde taý-bregiň netijesinde Zwerew 7:6 üstün çykdy. 2-nji setde ýene-de taý-bregiň netijesinde bu gezek Sinner öňe saýlandy. 3-4-nji setlerde degişlilikde, 6:3 we 6:4 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Ýannik Sinner çempionlygyny goramagyň hötdesinden geldi. Ol «Wimbledon»-da bassyr 2-nji, «Uly tuwulgalarda» bolsa 5-nji çempionlygyny baýram etdi. Häzirlikçe diňe «Fransiýa Açykda» çempionlygy bolmadyk Sinner 2024-nji we 2025-nji ýyllarda «Awstraliýa Açykda», 2024-nji ýylda-da «Amerika Açykda» çempionlyk gazanypdy. Şol bir



wagtyň özünde bu Sinneriň ATP ýaryşlaryndaky 30-njy çempionlygy hökmünde hasaba alyndy. Bu duşuşyk Sinneriň «Uly tuwulgalardaky» 100-nji duşuşygy bolup, ol şolaryň 82-sinde garşydaşlaryndan üstün çykmagy başardy.

Geçen aý «Fransiýa Açykda» çempionlyk gazanan Zwerew 1990-njy ýyllarda doglan tennisçileriň arasynda 4 «Uly tuwulgada» hem finala çykan ilkinji tennisçi boldy. Zwerew watandaşy Boris Bekerden bäri 4 «Uly tuwulgada» finalda oýnan ilkinji germaniýaly tennisçi diýlip bellendi. Zwerew umumylykda «Açyk» döwürde 4 «Uly tuwulga» ýaryşynda-da finala çykan 13-nji erkek tennisçi hökmünde hasaba alyndy. «Uly tuwulgalarda» diňe 1 çempionlygy bolan Zwerew 2020-nji ýylda «Amerika Açygyň», 2025-nji ýylda-da «Awstraliýa Açygyň» finalynda ýeňlipdi.

Sinner ýarym finalda Nowak Jokowiçi 3 setde-de 6:4-lük hasaplar bilen utdy. Jokowiç 39 ýaş 49 gün bilen «Wimbledon»-da ýarym finalda oýnan iň ýaşuly ikinji tennisçi boldy. Bu ugurda rekord 39 ýaş 243 gün bilen awstraliýaly Ken Rouzwelle degişlidir (1974-nji ýyl). Şol sanda Jokowiçiň «Wimbledon»-da gazanan ýeňişleriniň sany 107-ä ýetdi. Ol 4-nji tapgyrda russiýaly Roman Safiullini ýeňip, Rojer Federeriň 105 oýunlyk rekordyny täzeledi. Çärýek finalda-da 107-nji ýeňşini gazanan Jokowiç kanadaly Feliks Ožie-Aliassimi 5 sagat 15 minutda ýeňlişe sezewar etdi. Bu duşuşyk «Wimbledon»-yň taryhyndaky iň uzak dowam eden çärýek final oýny boldy.

**ZENANLARYŇ ARASYNDA ÝENE-DE TÄZE ÇEMPION**

● Zenanlaryň arasyndaky finalda iki çehiýaly tennisçi duşuşdy. WTA-nyň sanawynda 9-njy basgançakda barýan Linda Noskowa bilen 10-njy orundaky Karolina Muhowanyň duşuşygy 2 sagat 28 minutlap dowam etdi. Duşuşygyň 1-nji setinde 21 ýaşyndaky Linda Noskowa 6:2 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde ýeňiş 29 ýaşyndaky Muhowanyň tarapynda boldy. Final seti çekeleşikli başlasa-da, soňlugy bilen Noskowa 6:3 hasabynda watandaşyny ýeňlişe sezewar etdi. Umumylykda, 2:1 hasabynda ýeňşini baýram eden Linda Noskowa karýerasy boýunça ilkinji «Uly tuwulga» kubogyny asmana göterdi. Şol bir wagtyň



özünde bu Noskowanyň karýerasyndaky 3-nji kubogy boldy. Noskowa 21 ýaş 236 gün bilen «Wimbledon»-da watandaşy Petra Kwitowadan soň (2011), çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçi boldy.

Karýerasynda 3 çempionlygy bolan Muhowa 2023-nji ýyldaky «Fransiýa Açykdan» soň, 2-nji gezek «Uly tuwulga» finalynda ýeňildi.

«Uly tuwulgalaryň» taryhynda Çehiýa iki zenan tennisçisi finalda oýnan 6-njy ýurt hökmünde hasaba alyndy. Ondan öň Awstraliýa (8 gezek) we ABŞ-nyň (36 gezek) tennisçileri ençeme sapar, şol sanda finalda 2 belgiýaly (3 gezek), 2 russiýaly (3 gezek), 2 italiýaly (1 gezek) zenan tennisçi çempionlyk ugrunda özara göreşdiler.

«Wimbledon»-da zenanlaryň arasynda soňky 9 ýylda 9 täze çempion peýda boldy. Soňky gezek 2016-njy ýylda Serena Williams çempionlygyny gaýtalamagy başardy.

# «Odisseýa» – petekleri 1 ýyl öň satylyp başlanan film

**Kino muşdaklarynyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Odisseýa» filmi şu günden başlap tutuş dünýäde prokatlara ýaýradylar. Petekleri 1 ýyl öň satylyp başlanan filmi dünýä belli oskarly režissýor Kristofer Nolan surata düşürdi.**

Nolan şu wagta çenli «Yzarlaýyş» (Following, 1998), «Ýatlama»



(Memento, 2000), «Ukusyzlyk» (Insomnia, 2002), «Betmen başlaýar» (Batman Begins, 2005), «Prestiž» (The Prestige, 2006), «Gara rysar» (The Dark Knight, 2008), «Başlangyç» (Inception, 2010), «Gara rysar beýgelýär» (The Dark Knight Rises, 2012), «Ýyldyzlar arasy» (Interstellar, 2014), «Dýunkerk» (Dunkirk, 2017), «Tenet» (Tenet, 2020), «Oppenhaýmer» (Oppenheimer, 2023) filmlerini surata düşüripdi. Ol «Oppenhaýmer» filmi bilen iň gowy režissýor baýragyny gazanypdy.

250 million dollar býujeti bolan ekran eserine režissýoryň özi hem-de ýanýoldaşy Emma Tomas bilelikde prodýuserlik edýär. Filmiň ssenarisini režissýoryň özi Gomeriň meşhur poemasy «Odisseýa» esasynda ýazdy.

Režissýoryň karýerasyndaky iň gymmat filmi hasaplanýan bu kinoda «Hollywood»-yň ençeme ýyldyzy dürli keşpleri ýerine ýetirýär. Mätt Deýmon Odisseýiň, Tom Holland Odisseýiň ogly Telemahyň, oskarly aktrisa Enn Heteweý Odisseýiň ýanýoldaşy Penelopanyň, Robert Pattinson Antinoýyň, meşhur aktrisa Zendeýa Afinanyň, oskarly aktrisa Lupita Nýong'o 2 keşbi – Troýaly Heleniň hem-de onuň uýasy Klitemnestranyň, Samanta Morton Kirkanyň, oskarly Şarliz Teron Kalipsonyň, Mia Got Melanfonyň, Benni Safdi Agamemnonyň, Jon Berntal Menelaýyň keşplerini janlandyrdy. «Universal Pictures» hem-de Nolanyň şahsy kompaniýasy bolan «Syncopy» studiýasynyň bilelikdäki önümi bolan ekran eseriniň dowamlygy 173 minuta deňdir. Film tutuşlygyna IMAX kameralary arkaly surata düşürilen ilkinji kino bolup, onuň surata düşüriliş işleri 91 günde tamamlandy. Nolan mundan öňki filmleriniň käbir sahnalarynda-da IMAX kameralaryny ulanypdy. Ýöne bu gezek film başdanaýak IMAX 70 mm-lik kameralary arkaly ekranlaşdyryldy.

Film Marokkoda, Gresiýada, Italiýada, Islandiýada, Şotlandiýada, Maltada, şol sanda Ortaýer deňzinde, Günbatar Saharada surata düşürildi.

Filmde eşitdirilýän sazlar oskarly kompozitor Ludwig Goransson tarapyndan ýazyldy. Filmiň prokatlardan ep-esli girdeji gazanmagyna, 1,5 milliard dollara golaý kassa ýygymyny toplamagyna garaşylýar. 6-njy iýulda Londonda gala görkezilişi bolan filme kinotankytçylar ýokary baha berýärler.

«Odisseýa» poemasy esasynda ozalam telim film ekranlaşdyryldy. 1954-nji ýylda italiýaly Mario Kamerininiň surata düşüren «Ulisse» filminde Körk Duglas, Antoni Kuinn, Silwano Manjano ýaly belli artistler keşpleri ýerine ýetiripdi. 1997-nji ýylda russiýaly Andreý Konçalowskiniň surata düşüren «Odisseý» atly gysga teleserialy-da meşhur ekran eserleriniň biridir. 2024-nji ýylda bolsa Uberto Pasolininiň režissýorlygyndaky, Raýf Faýnes bilen Žuliett Binoşeniň baş keşplerde surata düşen «Gaýdyp geliş» (The Return) filmi-de bu eser esasyndaky belli kinolaryň biri hasaplanýar. Kristofer Nolanyň filmi «Odisseý» poemasy esasynda surata düşürilen 10-njy ekran eseridir.

* * *

Filmde grek miflerine görä, Itakanyň şasy Odisseýiň Troýa urşundan soň ýurduna dolanyşy çeper beýan edilýär. Ol 10 ýylyň dowamynda dürli-dürli wakalary başdan geçirýär. Odisseýiň bu täsin gezelençde görmedik görgüsi galmaýar. Penelopa ýanýoldaşy Odisseýe uruş döwrüni hem hasaplanyňda, jemi 20 ýyl garaşmaly bolýar...







● **Ady:** «Odisseýa» (The Odyssey); **Režissýory:** Kristofer Nolan; **Ssenariçi:** Kristofer Nolan (Homeriň «Odyssey» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Emma Tomas, Kristofer Nolan; **Keşplerde:** Mätt Deýmon, Tom Holland, Enn Heteweý, Robert Pattinson, Lupita Nýong'o, Samanta Morton, Zendeýa, Şarliz Teron, Mia Got, Benni Safdi, Jon Berntal; **Operatory:** Hoýte wan Hoýtema; **Kompozitory:** Ludwig Goransson; **Öndüriji:** «Universal Pictures», «Syncopy»; **Paýlaýjy:** «Universal Pictures»; **Dowamlylygy:** 173 minut; **Görnüşi:** fantastik, başdan geçirme, ekşn; **Ýurdy:** ABŞ, Birleşen Patyşalyk; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 250 million $.

## SUNGAT

# Maýkl Jekson baradaky film milliarderleriň hataryna goşuldy

**Meşhur aýdymçy, popuň şasy hasaplanýan, merhum Maýkl Jekson baradaky «Maýkl» atly film taryhy sepgide ýetdi. Tanymal režissýor Antuan Fukuanyň surata düşüren kinosynyň prokatlardan toplany 1 milliard dollardan geçdi. Ady agzalan bu film biografik, şol sanda mýuzikl-biografik görnüşli kinolaryň arasynda 1 milliard dollar girdeji toplan ilkinji ekran eseri boldy. «The Super Mario Galaxy Movie» animasiýasyndan soň ýylyň 2-nji, umumylykda-da 1 milliard dollarlyk kassa ýygymyny toplan 62-nji kino hökmünde hasaba alyndy. Filmde baş keşbi Maýkl Jeksonyň ýegeni Jaafar Jekson ýerine ýetirýär. Bu Jaafar Jeksonyň ilkinji keşbi bolup, ol adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrdy. Şeýle-de taryhda ilkinji gezek «Lionsgate» studiýasynyň ekran eseriniň prokatlardan toplany 1 milliard dollardan geçdi.**



**Film aslynda kinotankytçylardan öwerlikli baha hem almady. Ýöne muňa garamazdan, prokatdan toplanylan bu uly girdeji ekran eseriniň prodýuserleri üçin 2-nji filmi hem surata düşürmäge itergi berdi. Studiýanyň ýolbaşçylary tarapyndan 2-nji filmiň hem surata düşüriljekdigi resmi habar berildi.**

**Filmde Maýkl Jeksonyň çagalyk ýyllary, aýdym-saz älemine aralaşan döwürleri barada durlup geçilýär. 1958-nji ýylyň 28-nji awgustynda dünýä inen Maýkl Jekson 2009-njy ýylyň 25-nji iýunynda aradan çykypdy.**

# «Ýüzükleriň hökümdarynyň» täze filmi surata düşürilip başlandy



Kino dünýäsinde uly yz galdyran «Ýüzükleriň hökümdary» filmleriniň täze ekran eseriniň surata düşüriliş işlerine badalga berildi. Andi Serkisiň Gollumyň keşbinde surata düşüp, özüniň surata düşürjek filmi 2027-nji ýylyň 17-nji dekabrynda prokatlara ýaýradylar. «Warner Bros.» kompaniýasynyň önümi boljak film «Ýüzükleriň hökümdary: Gollum üçin aw» (The Lord of the Rings: The Hunt for Gollum) diýlip atlandyrylýar. Filmde Iýn MakKellen (Gandalf), Elaýja Wud (Frodo Baggins), Li Peýs (Şa Trandull) dagy ozalky keşplerine dolanar. Şol sanda Keýt Winslet, Jeými Dornan, Leo Wudali, Anýa Teýlor-Joý ýaly meşhur artistler hem dürli keşplerde çykyş ederler.

Öňki üç filmi surata düşüren režissýor täze taslama ýanýoldaşy Fran Wolş bilen bilelikde prodýuser hökmünde gatnaşar.

# MEŞHUR ESER EKRANLAŞDYRYLAR



**Dünýä belli amerikaly ýazyjy Silwia Platyň meşhur eseri «The Bell Jar» («Aýna kolpagyň astynda») esasynda film surata düşüriler. «Focus Features» studiýasynyň önümi boljak filmi Oskar baýragynyň eýesi zenan režissýor Sara Polli ekranlaşdyrar. Filmde baş keşpleri Kari Malligan bilen tanymal aýdymçy Billi Aýliş janlandyrar. Bu Billi Aýlişiň professional derejedäki ilkinji kino keşbi bolar. Ekran eseriniň haçan kinoteatrlara goýberiljekdigi häzirlikçe belli däl.**